**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

***JANABAÝ ŞYHYÝEW***

***SELBI ATAÝEWA***

***SAPARGÜL GELDIÝEWA***

# PSIHOLOGIÝANYŇ TARYHY

**Ýokary mekdepleri üçin okuw gollanmasy**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**AŞGABAT 2010**

**J.Şyhyýew, S.Ataýewa, S.Geldiýewa**

**Psihologiýanyň taryhy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 116 sah.

# Giriş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet başyna geçen gününden döwletimiziň geljegi bolan ýaş nesile bilim-terbiýe bermeklik meselesine aýratyn üns berýär. 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-nde "Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek" hakyndaky Karara gol çekilmegi bilim ulgamynda alynyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini ýokarlandyrmaga, mugallymlaryň terbiýeçilik işlerini netijeli guramaga esas döretdi. Ahlak kadalaryna laýyklykda özüňi alyp barmakda meýilleriň we emosiýalaryň özüňde dogry terbiýelemeklik baradaky taglymatlaryndan ugur alynýar. Dersiň iş maksatnamasy ösýän şahsyýeti terbiýelemegiň esaslandyrýan düzgünlerinden ugur alyp, psihologiýa ylmynyň taryhy taýdan ösüşiniň aýratynlyklaryny, onuň döwürlere bölünişi giňişleýin öwretmeklik maksat edilýär.

Bu ylmyň taryhy taýdan gadymy döwürde ýüze çykyşy, biziň günlerimizde kämilleşdirilişi, psihologiýada dürli ylmy ugurlaryň taryhy taýdan esaslandyrylyşy, olaryň öňe süren pikirleriniň häzirki döwürde okuw-terbiýeçilik işlerini döwrebap alyp barmaga goşýan goşantlaryny giňişleýin düşündirmekden ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary" atly kitabynyň neşir edilmegi döwletimizde adam hakda aladanyň has ýokary derejede alynyp barylýanlygyny doly subut edýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow, "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr" we "Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal" atly kitaplaryň neşir edilmegi ýaşlary döwrebap terbiýelemekde esasy orunlaryň birini tutýar.

Psihologiýanyñ taryhy dersi psihologik hadysalary taryhy taýdan ýüze çykyşyny, olaryñ özboluşly aýratynlyklaryny, kanunalaýyklygyny öwrenmek bilen, olary derñemekde düýpli ylmy iş alyp barýan alymlary ýüze çykarmakdan, gelinen netijeleri psihologiýa ylmy üçin ähmiýeti, onuñ beýleki ylmy açyşlara esas bolup çykyş edişi yzarlanylýar.

Psihologiýasnyñ taryhy dersi Aristoteliñ ady bilen berk baglanyşykly bolup, onuñ jan hakyndaky öñe süren taglymatyndan gözbaş alyp gaýtmak bilen, XX asyrda ony birnäçe döwürlere bölmeklik, olaryñ özboluşly aýratynlyklaryny açyp görkezmek ýola goýulýar. Bu meselede dünýä döwletlerinde bar bolan psihologik mekdepleriñ ýerine ýetiren işlerini öwrenmek has zerurdyr.

Ylmyñ we tehnikanyñ ösmegi, taryhy-psihologik barlaglara täzeçe çemeleşmek meselesini goýmak bilen, onuñ hil, san we düzüm taýdan üýtgemegine we kämilleşmegine getirdi.

Bu ylmyň taryhy taýdan gadymy döwürde ýüze çykyşy, biziň günlerimizde kämilleşdirilişi, psihologiýada dürli ylmy ugurlaryň taryhy taýdan esaslandyrylyşy, olaryň öňe süren pikirleriniň häzirki döwürde okuw-terbiýeçilik işlerini döwrebap alyp barmaga goşýan goşantlaryny giňişleýin düşündirmekden ybaratdyr. Taryhyň dürli döwürlerinde kemala gelen psihologik taglymatlary tankydy nukdaýnazardan öwretmeklige üns berilmek bilen olaryň ýüze çykmagyna, ösmegine we kämilleşmegine sebäp bolan taryhy wakalary şu günki günüň talabyna görä öwretmegi başarmaly.

Gadymy döwürlerde ýaşap geçen alymlardan başlap, biziň günlerimize çenli bolan döwürde psihologiýanyň taryhy bilen baglanyşykly öňe sürlen taglymatlaryň psihologiýa ylmynda tutýan ornuny kesgitlemeli. Psihologiýanyñ taryhy dersi psihologik hadysalary taryhy taýdan ýüze çykyşyny, olaryñ özboluşly

aýratynlyklaryny, kanunalaýyklygyny öwrenmek bilen, olary derňemekde düýpli ylmy iş alyp barýan alymlary ýüze çykarmakdan, gelinen netijeleri psihologiýa ylmy üçin ähmiýeti, onuň beýleki ylmy açyşlara esas bolup çykyş edişi yzarlanylýar.

Psihologiýanyň taryhy beýleki ylymlar bilen bir hatarda takyk psihiki hadysalary öwrenmeklige daýanmak bilen, olary ylmy taýdan derňeýär, ýetmezçiliklerini ýüze çykarýar. Bu bolsa talyp ýaşlara psihologiýa ylmynyň taryhyny içgin öwrenmäge, taryhda bar bolan mekdepleriň, psihologik akymlaryň ylymdaky ornuny öwrenmäge, ylmy nukdaýnazardan baha bermäge töwerekleýin şert döredýär. Adamzat jemgyetiniň kämilleşmegi gönüden-göni ylmyň ösmegine täsir edýär, jemgyetde psihologiýa ylmynyň ornuny kesgitlemek meselesini goýýar.

Talyp ýaşlar bilen okuw-terbiýeçilik işleri alnyp barlanda psihologiýanyň taryhy bilen baglanyşykly düşünjeleri ulgamlaýyn peýdalanmak, düzgünlerini, usulyýetdir-usullaryny, tärleridir-serişdelerini giňişleýin düşündirmekden ybaratdyr.

# Bap I. Psihologiýanyň taryhyna giriş

## 1.1 Psihologiýanyň taryhy dersiniň wezipeleri we onuň döwürlere bölünmegi

Psihologiýanyň taryhy dersiň üsti bilen geçmişde bar bolan psihologiýa ylmy bilen baglanşykly pikirleri taryhy gözýetimden öwrenmeklige aýratyn üns berilýär. Taryhy maglumatlar bize şu günki durmuşyň goýan meselelerini çözmekde ýardam berip durýar. Ol maglumatlary töwerekleýin peýdalanyp, nazaretiň meselelerinde amalyýetde ulanmak zerurdyr. Psihologiýanyň şu günki goýan meselelerini üstünlikli çözmek maksady bilen K.A.Lewin, L.S.Wygodskiý we beýleki alymlar taryha ýüzlenipdirler.

Psihologiýada çekişmeleriň netijesinde şu aşakdaky alymlar özleriniň ugurlaryny döredipdirler:

D.N.Uznadze, S.L.Rubinşteýn, A.N.Leontýew, B.G.Annanýew, B.M.Teplow, P.Ýa.Galperin we beýleki alymlar psihologiýanyň taryhyna aýratyn üns berdiler.Taryhy oňat bilmek üçin oňa degişli maglumatlary ýeterlik derejede bilmeli, şonuň üçin hem bu ugur psihologiýada aýratyn bölünip aýrylandyr.

Psihologiýanyň taryhy, psihologiýa bilen baglanşykly pikirleriň ösüş taryhyny yzarlamak, onuň taryhy taýdan gazananlaryny ýüze çykarmak zerurlygy esasy mesele bolup durýar. Häzirki zaman psihologiýasynda bar bolan dürli akymlaryň, taglymatlaryň taryhyny öwrenmeklik, olaryň ösüş ýoluny kesgitlemek esasy meseleleriň biridir. Olaryň taryhy zezurlygy, başlangyjy maksadyny diňe taryhyň üsti bilen çözüp bolýar.

Psihologiýanyň taryhyny öwrenmek ahlak hem-de bilim berjilik wezipesini-de çözýär. Psihologiýanyň taryhy bizi ylmy adamlaryň durmuşy, dünýägaraýşy bilen tanyşdyrýar, hakykat ugrundaky göreşlerini görkezýär, dürli duýgulary başdan geçirmäge esas döredýär.

Taryhy psihologiýanyň dersi – munuň özi psihiki hakykatyň özüniň däl-de onuň ýüze çykşyny dürli döwürlerde ösüşini öwrenýär, psihika bilen baglanşykly düşünjeleriň ýüze çykşyny we ösüş döwürlerini derňemekden ybaratdyr. Taryhy taýdan seredip geçenimizde psihologiýanyň dersi 3 (üç) ugur boýunça kesgitlenendir:

1. Ruh hakynda ylym hökmünde;
2. Aň hakynda;
3. Özüňi alyp baryş;

## 1.2. Psihologik taglymatlaryň hereketlendiriji güýçleri we olaryň taryhy taýdan ösmeginiň sebäpleri

Häzirki zaman şertlerinde adamzat jemgyýetiniň ilerläp ösmeginiň esasy serişdeleriniň biri bolan ylmyň döremeginiň we kemala gelmeginiň köp müň ýyllyk taryhy bar. Ylmyň elementleri, aýry-aýry ylmy bilimler baryp ençeme müň ýyl **ozal** gadymy Müsürde, **g**adymy Mesopotamiýada, gadymy Hindistanda, gadymy Hytaýda, gadymy Merkezi Aziýada, şol sanda gadymy Türkmenistanda emele gelipdir.

Adamzat jemgyýetiniň ilkinji taryhy eýýamynda – ilkidyrmyş obşina jemgyýetinde esasan dürli rowaýatlatyň we hyýaly garaýyşlaryň toplumy bolan mifologik aň agdaklyk edipdir.

Mifologik aň ilkidurmuş eýýamynda jemgyýetçilik aňynyň uniwersal formasy, hemme zady öz içine alýan görnüşi bolupdyr. Mifilogik aň dünýäniň, Günüň, Aýyň, ýyldyzlaryň, beýleki asman jisimleriniň, Yeriň, daglaryň, deňizleriň, adamyň, haýwanlaryň, ösümlikleriň gelip çykyşy baradaky rowaýatlary, hyýaly düşünjeleri, dini garaýyşlary öz içine alypdyr. Şonuň bilen birlikde, adamlar özleriniň durmyşdaky isleglerini kanagatlandyrmak üçin awçylyk, maldarçylyk, ekerançylyk, hünärmentçilik, binägärçilik, haryt alyş-çalşygy, söwda bilen meşgullanypdyrlar. Şonda dörän

ýönekeý tejribeleýin bilimler dürli mifler, rowaýatlar, hyýaly garaýyşlar bilen utgaşdyrylypdyr.

Dürli ýurtlarda, dürli halklarda dörän rowaýatlarda, hekaýalarda, ertekilerde köphydaýlylyk dinleriniň bolandygy, hudaýlaryň hem edil adamlar ýaly, hökümdarçylyk ugrunda özara göreşendikleri beýan edilýär. Meselem, gadymy Gresiýada Zews iň ýokary hudaý, ähli hudaýlaryň hökümdary ýaly suratlandyrylýar. Her bir tebigy hadysanyň, ýagyn-ýagmyryň, ýeliň, her bir hünäriň, ösümlikleriň, haýwanlaryň öz hudaýy bar hasaplanypdyr. Dünýäniň heläk bolmagy, ahyrzaman baradaky, onuň ýene gaýtadan döremegi hakyndaky mifler hem bolupdyr.

Adamyň gelip çykyşy, onuň dünýä inmegi, ömür basgançaklary, ölümi, dürli kynçylyklary başdan geçirişi barada hem köp sanly mifler, rowaýatlar döredilipdir. Adamlaryň maddy we ruhy medeniýeti ösdürmekde gazanan netijeleri barada – oduň oýlanyp tapylyşy, dürli hünärmentçiligiň, ussaçylygyň görnüşleri, ekerançylyk kärleri hakynda hem ençeme mifler, rowaýatlar döredilipdir.

Has ösen halklarda mifler belli bir sistema salynmagy esasynda eposlar, dessanlar döredilipdir. Meselem, gadymy grekleriň „Illiada”, „Odisseýa”, hindileriň „Ramaýana”, oguzlaryň-türkmenleriň „Oguznama”, „Gorkut ata”, finleriň „Kalewala”, gyrgyzlaryň „Manas” eposlary dürli döwürlerde dörän mifleriň, rowaýatlaryň belli bir sistema salynmagydyr.

Mifologik aň, mifler öz döwrüniň adamlarynyň durmuşyny, dünýägaraýşyny, dünýä akyl ýetiriş derejesini, dünýäni aňlaýşyny, dünýäni göz öňüne getirişini beýan edipdir. Mifologik aňda her bir dünýägaraýşyň düýpli meselelerine jogap bermäge özboluşly synanyşyk edilýär. Ýüze çykýan soraglaryň easynda dünýäniň, adamyň, medeni endikleriň, jemgyýetçilik gurluşynyň gelip cýkyşy, adamyň dünýä

inmeginiň we ölmeginiň syrlary ýaly ebedilik meselelerdir.

Taryhy ýazgylary yzarlasaň her bir döwürde ösdürlen pikirleriň üsti ýetirlip olaryň kem-kemden kämilleşýänligini görüp bolýar. Kä ýagdaýlarda soňky açyşlar ösüş häsiýete eýe bolman, yza galaklyga getirýän ýagdaýlary hem bolupdyr. Beýle diýildigi hemişe soňky açyşy üstünlikli hasaplamak bolmaz. Meselem, geştaltpsihologiýa assosiatiw psihologiýa garşy çykýar, bu bolsa köp zatlary düşündirmeklige päsgelçilik döretdi. Her bir ylmyň ösüşi çylşyrymly hadysa bolup durýanlygy üçin onda ýetmezçiligiň bolmagy mümkindir.

Psihologiýa ylmynyň ösüşiniň döwürlere bölünişi: taryhy taýdan alanyňda psihologiýanyň taryhy özüne köp asyry öz içine alýar. Meselem, ilkinji ylmy garaýşlar biziň eramyzdan öňki VI asyrda gözbaş alyp gaýdýar. Şonuň üçin döwürlere bölmek jogapkärli hem zerurlyk bolup durýar.

Psihologiýanyň taryhy 2 sany uly döwüre bölünýär:

1. Psihologiýa bilen baglanşykly düşünjeleriniň filosofiýanyň düzüminde ösüş döwri (beýleki ylymlarda-da);
2. Psihologiýanyň aýratyn ylym hökmünde ýüze çykyp ösüp başlan döwri;

Şeýlelikde;

I döwür (biziň eramyzdan öňki VI asyrda –XIX asyryň ortalaryna çenli 2,5 müň ýyly öz içine alýar.

II döwür – XIX asyrda ortalaryndan biziň döwrümize çenli (100 ýyldan gowrakdyr). G. Ebbingauzyň pikiriçe, “psihologiýa uzak geçişi öz içine alsa-da, örän gysga taryhy özünde jemleýär”.

Psihologik duşünjeleriň ösüşiniň taryhy taydan öwrenmeklik hökman bolup durýar. Şonuň üçin-de, jemgyýetçilik – ykdysady ösüşiň bu meselä täsirine üns çekmek zerurdyr. Sosial şertler – meseläniň ýüze

çykarmagyň, onuň çözülişiniň häsiýetini kesgitlemäge, derňewi ýola goýmaga täsir edýär.

Psihologiýanyň taryhy dersinde psihologiýany haýsy döwürde öwrenýänligine üns bermeli. Haýsy alymlaryň pikirleri ylym hökmünde ösüpdir, oňa matematikanyň, biologiýanyň, logikanyň, etnografiýanyň, fizikanyň, astronomiýanyň, dil biliminiň, taryha täsiri nazara alynmalydyr. Sebäbi şol ylymlarda psihologiýa bilen baglanyşykly düşünjeler jemlenipdir. Şol ylymlarda peýdalanylan usullar psihologiýada ýerlikli peýdalanylypdyr.

Beýleki ylymlarda peýdalanylan usullardan psihologiýa peýdalanýar. Meselem, XVII-XVIII asyrda mehanikanyň ösmegi, haýwanlaryň mehaniki özüni alyp baryşyny ýüze çykarmaga şert döretdi.

Beýleki ylymlar bilen gatnaşykda bolmak häzirki döwrede mahsusdyr.

## 1.3 Taryhy-psihologik derňewiň düzgünleri we psihologiýanyň taryhynda peýdalanylýan usullar.

**Düzgünler:**

1. Taryhylyk düzgüni esasy düzgünleriň biridir.Ýüze çykýan hadysanyň aýratynlygy, özboluşlygynyň gaýtalanmazlygyny görkezýär.
2. Prezentizm – aýry-aýry taglymatlaryň döreýişini, häzirki döwrüň talabyna laýyk öwrenmek, emma bu ýerde saýlap almak meselesi nädogrydyr, sebäbi taryhy taýdan yzygiderlik, bütewilik ýitýär.
3. Antikwarizm - taryhy açyşlary alymlaryň goýan görnüşinde häzirki zamanyň talaplaryny nazarda tutmak bilen öwrenmek. Bu bolsa diňe hasaba almaklyga getirýär, emma şu gün üçin täsiri ýokdur.
4. Obýektiwlik düzgüni – jemgyýetçilik durmuşy bilen baglanyşykly seretmek
5. Subýektiw çemeleşme – ylmyň ösüşini ýola goýýar.

**Usullary:**

1. Ýazyp beýan etmek usuly;
2. Nazarýetden derňemek;
3. Esaslandyrmak;
4. Psihologik düşünjeleri tertibe salmak;
5. Ylmy mekdepleriň işini öwrenmek;
6. Arhiw maglumatlary öwrenmek;
7. Gözleg;
8. Düşündiriş;
9. Bellikleri we çykytlary ulanmak;
10. Interwýu;
11. Gürrüň;
12. Biografik usul;
13. Ylmy salgylanmalary derňemek;

## 1.4. Psihologiýanyň taryhynyň çeşmeleri.

1.Geçmişdäki dünýä belli alymlaryň, filosoflaryň we psihologlaryň işleri.

2.Jemgyýetçilik tejribesi. Medisina, terbiýe, okuw, bilim bermek, hukuk tejribesi, maglumat önümçilik we beýlekiler.

3. Medisinanyň aýratyn ugry bolan psihoterapiýa.
4. Etnografik ýygyndylar.
5. Ylmy žurnallaryň maglumatlary.
6. Geografik jemgyýetleriň ylym beren işleri.
7. Tebigy ylymlar (himiýa, astranimiýa).
8. Dil bilimi, etnografiýa, astronomiýa.

## Bap II: Gadymy Gresiýada, Rimde psihologik pikirleriň ösdürilişi.

### 2.1. Gündogar medeniýeti filosofik medenýetiň döreýşi we öňe süren pikirleri.

Biziň eýýamymyzdan öňki döwürde Gündogarda dünýä belli medeniýetler gülläp ösýär: Müsürde, Hindistanda, Hytaýda we beýlekiler. Şol medeniýetiň özeninde şu günki güne çenli ýaşap gelen taglymatlar ýüze çykýar, ösýär. Muňa sebäp bolan zatlaryň biri-de ösen medeniýet, taglymatlar, maglumatlaryň önümçiligi. Önümçiligiň ösmegi jemgyýetiň toparlara bölünmegine getirdi. Şeýlelikde, ösen gul eýeçilik döwletleri döredi. Şol döwletlerde dini dünýagaraýyş agalyk edýärdi, onuň aýrylmaz bölegi hökmünde çykyş edýän pikir bolsa ruhuň ölmez-ýitmezligi hakyndaky meseledir. Ruh teni goýup gidenden soňra ýaşamagyny dowam etdirýär.

Öňki yzagalak pikirlere täzeçe çemeleşmek we olary has içgin ylmy esasda öwrenmekligiň ýola goýulmagy, ähli zada hudaý täsir edýär diýen düşünjäni gysyp çykardy. B.e. öňki IV asyrda döredilen "Mifiki teologoýasynyň ýadygärlikler" atly işde älemi guran hudaý Ptahdyr, ol adamlary ýaradan wagtynda olara gözi, gulagy, buruny bermek bilen olaryň ählisiniň alýan maglymatlary ýürege ýetirmek üçin niýetlenendir. Aýdyljak bolunýan pikir, adamyň aňy onuň merkezi beden bölekleriniň işi bilen berk baglydyr.

"Merkez bilen daşky beden bölekleriniň" gatnaşyklaryny ýüze çykarmak üçin adamyň aňlaýjylyk ukyplaryny, onuň durmuş tejribesini umumylaşdyrmagy bilen baglaşdyrmaly. Gadymy döwrüde Gündogarda adamyň sözüne aýratyn üns beripdirler. Sebäbi sözde aýratyn gudrat bar diýip düşünipdirler. Dil diňe üýregiň

öňe süryän pikirlerini beýan edýär. Öňegidişliklere düýpli päsgel berýän zatlaryň biri-de dindi. Ol adamyň beden gurluşyny, onuň işleýşini anatomik taglymatyň esasyda öwrenmegi, düşündirmegi gadagan edýärdi.

Gündogarda aýratyn orun tutan meselleleriň biri – adam gany hakyndaky meseledir. Adamyň ýaşaýşyny üpjün edýän 2 zat bar: 1. Gan 2. Howa. Hytaý lukmanşylygyna degişli bolan "Içki beden bölekleri hakynda" atly işde (b. e. Öňki VIII a. degişli) "bedeniň hany, soltany ýürekdir" diýlip bellenilýär. ýürek fiziologik meseleler bilen birlikde psihologik meseleleri çözmeklige-de işjeň gatnaşýar. Hindi alymlarynyň işlerinde ýürek aýratyn orna mynasyp bolmak bilen, soňra esasy beden bölegi merkezi nerw ulgamydyr diýen netijäni çykarýarlar.

## 2.2.Gresiýada psihikanyň öwrenilişi

Psihologiýa bilen baglanyşykly düşünjeler tebigat ylymlary bilen baglanyşykly ösýärdi. Janly beden daşky tebigata baglydyr. Ruhuň işi bolsa – bedene baglydyr. Şol bir wagtyň özünde, teologo-mifiki garaýyşlaryň içinde gapma-garşylyk döreýär. Köne düşünjeler täze häsiýetlere eýe bolýarlar. Ähli zatda gudratly güýçliniň täsiri duýulsa-da, adama bolan täsiri hakynda garaýyşlar üýtgeýär. Meselem, b. e. öňki IV müň ýyla degişli bolan "Mifiki teologiýanyň ýadygärligi" atly Müsürde tapylan işde, Ptah atly hudaý ähli älemi gurujy hökmünde görkezilýär, emma adamy herekete getirýän merkezi beden bölegi bolan ýürekdir diýip bellenilýär.

Bu mesele adamyň aňlaýjylyk işi bilen baglanyşyklydyr. Esasy zat köp wagtyň dowamynda toplanan maglumatlaryň netijesinde ýüze çykarylypdyr. Gadymy adamlaryň düşünjesi boýunça, sözüň jadylaýjy güýji bolup durmuşda esasy orun tutýan zatlaryň biri hököminde düşünipdirler. Çet-gyrakda (pereferiýnyý)

duryan beden bölekleri merkezdäki bilen birleşip, aňy we sözi kemala getirýärler diýlip düşünilipdir. Köp sanly psiki taýdan bolup geçýän wakalaryň sebäplerini anyklamak başlanypdyr. Bu meseläni ilki çözmäge kömege gelen medisinadyr. Emma onuň çözüp biläýjek meselelerine dini garaýşlar päsgel beripdir: olar adamyň gurluşyny öwrenmegi gadagan edipdirler.

Gündogarda: Gresiýada, Rimde alymlaryň ilkibaşda ünsi çeken meselesi gan aýlanyşydyr (ganyň suwuklygy we onuň düzümindäki howa).

Gadymy döwürde Gressiýada ýer işläp bejermek, täze ýerleri basyp almak ýola goýulýar. Afinyda b.e. öňki V asyrda filosofik pikirler kemala gelýär. Şol döwürde "akyldar mugallymlar" peýda bolýar. Olaryň ýüze çykmagy gul eýeçilik düzgüniniň ösmegi bilen şertlendirilýärdi. Täze okuw jaýlarynda sözleýişiň medenýeti, bilim bermeklik, öz aýdanlaryňy subut etmek, ynandyrmak mesellelerine aýratyn üns çekipdirler.

Grek ylmynyň esasyny goýan b.e. öň IV asyrda ýaşap geçen Platon we Aristoteldir. Olaryň ylmy açyşlary köp asyrlaryň dowamynda filosofiýanyň we psihologiýanyň ösmrgine özboluşly täsirini ýetirip gelýärler. Platon Ýewropada idialistik akymy esaslandyryjy hökmünde tanalsa, Aristotel bolsa materialistik akymyň düýbini tutýar. Olaryň dürli garaýyşlarynyň bolmagy özboluşly dünýägaraýyşlaryna baglylykda ösüpdir. Aristotel adam aňynda bar bolan zatlaryň ählisi duýgy organlarynyň üsti bilen geçýär diýen taglymaty ösdürýär. Platon Gadymy Grek mifleriniň ornuna aýratyn akym bolan idializmi esaslandyrdy.

Adamyň duýgularyny öwrenmek. Olaryn ýüze çykyşy, işleýşi, amal edilişi aýdyňlaşdyrylandan soňra adamyň aňlaýjylygyny kämilleşişini subut edip bolar. Ylmy işlerde psihologiýa bilen baglanyşykly düşünjelere aýratyn üns berilýär. Bu bolsa şu günki gün beýik

alymlaryň mirasyny döredijilikli öwrenmäge aýratyn üns berilmegini talap edýär.

## 2.3. Rimde psihologik pikiriň ösdürilişi.

Italiýada Aristoteliň we Platonyň filosofik pikirlerini Paramenid we Anaksogor ösdürdi.

Paramenid öz işlerinde adamyň düýgylarynyň esasynda daş-töweregindäki bolup geçýän hadysalara göz ýetirmegi, dünýädäki ähli zadyň wagtyň geçmegi bilen özgerýänligi, dünýädäki bar bolan material zatlaryň hiç zat ýok ýerinden döräp bilmejekligi, elementleri biri-birinden bölüp aýyrmak meselesini ylmy esasdan öwrenýär. Ol dünýäniň başlangyjyny dört sany zatdan durýar diýip belleýär: otdan, howadan, suwdan, ýerden. Şu dört element, maglumat dünýäniň başlangyjy bolup durmak bilen iki sany güýjiň täsirinde (1. Söýgi. 2. Duşmançylyk) hemişe biri-birine täsir edýärler we dünýäniň ýaşamagyň, dowam etmegini üpjün edýärler.

Anaksagor (500- 428 b.e. öň.) ýaşap geçen italýan alymlarynyň biri dünýäniň gurluşy tükeniksiz, hili boýunça biri-birinden düýpgoter tapawutlanýan, emma olaryň hereketleri akylly-başly dolandyrylýar diýip belleýär. “Aň” diýen düşünjäni ol ilkinji bolup gadymy Rim filosifiýasyna ornaşdyrýar. Diýmek “aň” tebigatyň we adamyň özüni alyp barşynyň gözbaşynda durýar. Soňky döwürde bu pikiri dowam etdiren alymlar “aňa” adatdan daşar güýç hökmünde garapdyrlar. Emma, Anaksogor gadymy materialistik akymyň wekili hökmünde “aňy” tebigatyň özunden gözlemeli diýen netije çukarýar. Bolup geçýän hereketler, wakalar, hadysalar hereketiň häsiýetine we kanunalaýyklygyna laýyklykda amal edilýär. Bu bolsa dünýäniň ýaşaýşynyň hemişelik dowan etmegini üpjün edýär.

Filosofyň pikir ýöredişine görä, tutuş zatlar bölek-böleklerden durmak bilen, oňa hemişe bagly bolup durýandyr. Bu kanun zatlaryň we predmetleriň tebigatynda bardyr. Meselem, ummanlar, deňizler, derýalar –damjanan durýarlar. Adamyň bedeni, jandaryň bedeni aýry-aýry-öýjüklerden durrýandyr. Bu bolsa tebigatda, durmuşda bar zatlaryň arasyndaky arabaglanyşygy üpjün etmäge, kämilleşmäge giň ýol açýar.

## Bap III: Hytaýda psihologik pikiriň kemala gelmeginiň taryhy.

### 3.1. Hytayda psihologiýanyň ösdürilişi.

Biziň eýýamyzda birnäçe müň ýyl mundan ozal Gündogarda beýik Medenýet ýüze çykyp başlaýar: Müsürde, Hindistanda, Hytaýda we beýlekilerde döwrebap ylmy bilimleriň döremegine getirýär.

Biziň eýýamymyzdan öňki VIII asyra degişli bolan "Içki gurluş hakynda kitap" (Hytaý) işde bedeniň esasy bölegi (organy) ýürekdir diýlip bellenilýär. Ol diňe bir fiziologik işi ýerine ýetirmän, psihologik işe hem gatnaşýar. Ol adama sözi berýär, pikirini ýöredýär.

Gadymy Hytaý lukmanlarynyň pikirine görä, psihiki işiň başlangyjy ýürekdir diýilýär. Soňra "beýni merkezdir" diýen pikir öňe sürülýär.

Lukmanlar temperamente aýratyn üns beripdirler. Temperamentiň ýüze çykyş ýagdaýyna laýyklykda adamlaryň arasynda özüni alyp barşynda, gylyk-häsiýetinde tapawutlyklar ýüze çykýar. Bu pikiriň ýüze çykmagy, bedeniň synalaryny (elementlerinini) öwrenmek bilen baglydyr. Hytaý we Hindi lukmanlary temperamentiň esasyny üç düzüm bölegi düzýär diýip belleýärler: - howa meňzeş başlangyç (si), želç (öt), sliz (sülekeý). Şu elementleriň haýsy-da bolsa biriniň

agdyklyk etmegi adamyň temperamentini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Hytaý lukmanlary adamlary aşakdaky görnüşlere bölüpdir:

1. Želçiň (ýa-da ganyň) agdyklyk etmegi (güýçli, edermen,batyrgaý, gaplaňa meňzeş);
2. Howanyň agdyklyk etmegi (si) durnuksyz, çalasyn hereketli, maýmyna meňzeş;
3. Sülekeýiň agdyklyk etmegi (slizi): haýal, gowşak, az hereketli.

Ähli meselede tebigy elementleriň barlygy, ruhyň beden durmuş – ýaşaýyş bilen baglanşygy ýüze çykarylýar.

Gadymy Hytaýda hem, ylmy bilimleriň ýokary ösüşlere sezewar bolanlygyna garmazdan, jemgyýetçilik aňynyň paradigmasynda entek mifologik, mistiki, hyýaly pikirler agalyk edipdir. Meselem, b.e.ö. II asyrda ýazylan „Huaýnan-szy'' atly kitapda älemiň esasyny ilki durmuş ýaşaýyş efiri emele getirýär diýip aýdylýar. Bu mifiki taglymata görä, efiriň ýeňil hem arassa bölegi tebigatyň erkekler ýa-da oňyn başlangyjy, efiriň agyr hem bulanyk bölegi bolsa aýallar ýa-da tersine başlangyjydyr. Oňyn başlangyç asmana, tersin başlangyç ýer togalagyna öwrülipdir. Dünýädäki ähli zatlar şu iki başlangyjyň garylyp-gatyşmagyndan emele gelýär diýlip hasaplanypdyr.

### 3.2. Hytaýdaky filosofik mekdepler.

Jemgyýetçilik pikirlerinde çäklendirmeler we dürli garýyşlar filosofik mekdepleriň kemala gelmegine getirdi. Ol bir tarapdan, din bilen baglanyşykly bolsa-da, olar öz işlerini ýerlikli, aňlýajylykly (rassional, logiki) çözmegi başardylar. Filosofiýa ylmy kanunalaýyklyklary bilen baglanyşykly mekdepler Hytaýda, Hindistanda ýüze çykyp başlaýar. Jemgyýetçilik – syýasy gapma-garşylyklara garamazdan (b. e. ö. 1000 ýyl) öz ösüşini

dowam etdirdiler. Hindistanda b. e. ö. 2000 ýyl Wed tekstinde ruh hakynda aýratyn maglumat berilýär. Özüňi alyp barmak, şahsyýetiň kämilleşmegi, ýokary netijeler gazanmak olaryň pikiriçe, ruhuň täze bir ýere geçmegi, täzelden ýüze çykmagy, saplanmak (izbawleniýe) diýip pikir ýöredipdirler. Bu pikirler b. e. ö. VI a. buddizm dininiň esasy bolup durýar. Ruhuň tene bolan gatnaşygy soňky döwürlerde ýüze çykan mekdepleriň: Ýoga, Nýaýa, Sankhe, Wedanta we beýlekileriň wekilleri ruhy öwrenipdirler.

Ýoga mekdepdepleriniň wekilleri hakyky aň kämilliligine ýetmek üçin ähli psihiki işi kämil ýola goýmaly diýip belläpdirler. Olar ýörite usullary, ýollary, tärleri işläp düzýärler (dem alyşyny kadalaşdyrmak, bedeniňe erk etmek) soňra içki işjeňlik (üns we pikirlenme). Etiki soraglary çözmek üçin indiwidiň psihologiýasyny öwrenmeli. Psihikany dolandyrmak bilen baglanyşykly tärler işläp düzýärler.

Şol döwürlerde Hytaýda-da birnäçe mekdep işläp başlaýar: Lao-sszy, Konfussiý we Mo-szy.

B. e. öňki IV müň ýyllykda meşhur Lao-szy ”Dao - de szi” diýen filisofiýa bilen baglanyşykly işini ýazýar. Bu işde esasy mesele “dao” (ýol, ýoda) hakynda pikirlenşiniň ýoly hakynda düşünjeler berilýär. Olaryň pikiriçe, ýeri hem asmany, biziň daş-töweregimizi gurşap alan zatlaryň ählisini adatdan daşary güýç dolandyrýar. Şol bir wagtyň özünde hem, ol adama-da öz täsirini ýetirýär diýen pikire gulluk edipdirler.

Konfusiniň tarapdarlary - halkyň gadymdan bäri dowam etdirip gelýän adatlaryny, däp-dessurlaryny öwrenýärler, olarda bar bolan oňyn ahlak talaplaryny öňe sürýär. Olaryň pikiriçe “dao” adamlaryň ahlagyna täsir edýär, döwlet ýolbaşçylaryna täsir etmek bilen döwletiň taryhynda yz galdyrýar. Olarda dogabitdi we soňra eýe bolnan başarnyklar (psihika meselesinde) häsiýetlendirilýär. Mekdebi esaslandyran Konfusiýnyň

(551 – 479 b.e. öň) pikiriçe, psihika we bilim dogabitdidir. Adam tebigaty boýunça hoşnyýetli (göwniaçyk) oňa ýaramaz täsir edýän käbir daşky oňaýsyz ýagdaýlardyr. Şonuň üçin şol ýaramaz täsiri ýeňip geçmegi, içki dünýäňi kämilleşdirmegi, ýeňiş gazanmagyň ugurlaryny, ýollaryny maslahat berýär.

Emma, Sýun-szynyň (298-238 b. e. öň) esaslandyran mekdebi, adam dogabitdi gaharjaň (wagşy) emma, ony terbiýäniň üsti bilen gowy adam edip ýetişdirip bolýar diýýär. Eger şeýle bolmadyk bolsa, onda adamlara terbiýe nämä gerek? Adamyň häsiýeti gaba (sosud) meňzeşdir, gaby ussa haýsy toprakdan ýasasa şol hili hem bolar diýip belläp geçýär.

Mo-szy (480-400 b. e. ö) daosizmiň tarapdary hökmünde çykyş etmek bilen, onuň öňe süren pikiri, duýgy organyň işi bilen obýektiw hadysalaryň arasyndaky gatnaşygyny ýüze çykarýar. Meselem, terbiýäni

a) synpda bar bolan okuwçylar bilen indiwidual gatnaşykda bolmak.

b) keşipleriň üsti bilen gatnaşyk saklamak

ç) obýektiň geçmişini we geljegini öwrenmek.

Hytaý edebiýatynda kabul edişiň ( wosprýatiýe) iki görnüşini bellenilýär:

1. bedene gönüden-göni täsir etmek (sensori);
2. dil üsti bilen beýan etmek. Duýgy adamda bar bolan düşünjeleri kemala getirýär.

Gadymy Hytaý mekdeplerinde duýmadan pikirlenmä geçiş meselesi içgin öwrenilipdir. Esas edilip, göz öňüne getirme alynýar. Diýmek, predmetiň duýgy organlaryna eden täsirinden soňra pikir ýüze çykýar.

Psihiki dünýägaraýyş tebigy düşündirilişe garşy goýulýar. Organlaryň daşky obýekte bolan gatnaşygyny. “Men” düşünjesi has ir döwürde ösdürilýär. Bu mesele Ýewropada täze eýýamda içgin öwrenilýär. Hytaý alymlary öz çekişmelerini guranda empirki bilimleriniň

esasynda, öz-özüne göz ýetirmek, aň, kabul ediş, ýat, söz meselesi esasy orun eýeleýär.

Din şol döwürde adam bilen baglanyşykly meselelere öz täsirini ýetirýär. Emma muňa garamazdan Gündogar alymlarynyň işlerinde materialistik garaýyşlar ýüze çykýar, ösýär we kämilleşýär.

Hytaýda Wan-Çun (27 –104 b.e. öň ) ýaşap geçen, materialistik akymyň görnükli wekilleriniň biridir. Ol öz işlerinde medesinanyň, tebigy ylymlaryň gazananlaryna daýanmak bilen, düýpli filosofik pikirleri talabalaýyk ösdürýär. Tebigatyň kanunlary – adam psihikasyny öwrenmegiň ýeke-täk dogry ýoludyr diýen netijä gelýär.

Dürli medenýetleriň arasynda ykdysady, jemgyýetçilik, medeni aragatnaşyklar ösüpdir. Meselem, gan aýlanyşy hakyndaky mesele Müsürde, Hytaýda, Hindistanda, Gresiýada öwrenipdir, emma şony öwrenmeklige itergi beren zat nämä?

Psihikany öwrenmek ilki adam bedenini öwrenmek bilen berk baglydyr. Adamda dogabitdi akyl taýdan kämillik bar diýen pikire garşy çykmak bilen, adam kem-kemden tebigatyň, adam aňynyň syrlaryna göz ýetirýär diýip netijä gelýär.

## Bap IV: Hindistanda psihologiýanyň ösdürilişi.

### 4.1. Hindistanda psihologik düşünjeleriň ösdürilişi.

Hindistanda psihologik pikirleriň ösmegine esas bolan zatlaryň biri Wed ýazgylarydyr. Olaryň döredilen döwri b. e. öň iki müňünji ýylara degişlidir. Onda adam aňy we psihologiýasy bilen baglanyşykly meselleler seredilip geçilmek bilen, ruhy taýdan özüňi göreldeli alyp barmagyň esasy aýratynlygy onuň ahlak tarapydyr. Esasy öňe sürülýän pikirleri ruhyň ondan-oňa geçmegi. Bu bolsa b.e öň VI asyrda dini garaýyş bolan

Jaýnizmiň ýüze çykmagyna, adamyň ruhy bilen bedeniniň özara gatnaşygyny kesgitlemäge sunanşylypdyr. Jaýnizmiň esasy pikiri- beden ruhyň erkin hereketini çäkendirýär diýen taglymatdyr. Buddizm bolsa ruhy aýratyn alynan ýagdaý hökmünde göz öňüne getirmän, gaýtalanmajak ýagdaýlar bilen berk baglanyşykda seredip geçýär. Bu bolsa iki akymyň, ýagny Jaýnizm bilen buddizimiň arasynda aratapawuduň balygyny gönüden-göni subut edýär. Geljekki psihologik akymlaryň kemala gelmegine dýüpli täsir eden zatlaryň biri-de iki akymyň ruh hakyndaky taglymatlarydyr.

## 4.2. Hindi filosofik mekdepleriň psihologiýa täsiri.

Hindistanda bar bolan filosofik mekdepleriniň wekilleriniň garaýyşlary soňraky döredilen psihologik pikirleriň esasynda kemala gelen Sankhýa, Wedanta, Ýoga, Mimansa, Nýaýa, Waýşeşika we beýlekiler psihologik meselelere özboluşly çemeleşişleri we özboluşly çözgütleri tapandyklary sebäpli, psihologiýanyň ösüş taryhynda aýratn häsiýetli yz galdyrdylar.

Adamzat siwilizasiýasynyň iň gadymy ojaklarynyň biri Hindistandyr. Hindi medeniýetiniň iň gadymy ýädigärligi *Wedlerdir*. Wedlerde gadym hindileriň dini, mifologik garaýyşlary bilen birlikde, olaryň daşky barlygyň zatlary, hadysalary baradaky tejribeleýin realistik bilimleri, dünýäniň döreýşi, adamlaryň gelip çykyşy, olaryň dünýä inmeginiň we ölmeginiň sebäpleri baradaky hyýaly, howaýy garaýyşlary beýan edilipdir.

Wedler dört topara bölünýär. Olaryň iň gadymkysyna Samhitler diýilýär. Beýleki üç topar Samhitlere düşündirişlerden we goşmaçalardan ybaratdyr. Samhitler dört sany toplumdan durýar. Olaryň iň irki döwre degişlisi Rigwedadyr. Ol dini gimnleriň toplumy bolup, biziň e.ö. II müňýyllygyň ortalarynda döredilipdir.

Wedleriň ikinji bölümi Brahmanlar. Olar dini tekstleriň toplumy. Buddizmiň döremeginden ozal agalyk eden brahmanizm dini şol topluma daýanypdyr. Wedleriň üçünji bölümi Aranýaklardyr. Olar diwanalaryň, derwüşleriň, sergezdanlaryň özlerini alyp baryş düzgünleri. Wedleriň dördünji bölümi Upanişadlar bolup, olarda gadymy hindileriň filosofik garaýyşlary beýan edilipdir.

Biziň e.ö. VI-V asyrlarda Hindistanda dünýä dinleriniň biri bolan buddizm döräpdir. Onuň düýp mazmuny adamlary agalyk ediji toparlara talynlyga, dowam edýän jemgyýetçilik gurluş bilen ylalaşyklylyga çagyrmakdan ybarat.

Hindistanda hem awçylygyň, maldarçylygyň, ekerançylygyň ösmegi, dini ybadathanalaryň, hökümdarlaryň köşkleriniň, şäherleriň, harby galalaryň gurluşygyny alyp barmak üçin matematikanyň, fizikanyň, geografiýanyň, astronomiýanyň başlangyç bilimleriniň dörändigine we ösendigine hiç hili şek-şübhe bolup bilmez.

Wedanta mekdebi- subýektiw-idialistik taglymatyň tarapdary hökmünde çykyş etmek bilen “Men” özboluşly, gaýtalanmajak aňlyý-düşünjeli döredilendir. Onda subýekt we obýekt, içki we daşky tapawutlandyrylmaýar. Onuň esasynda Brahman durmak bilen tükeniksiz kosmiki düşünjesi we dünýäniň durkunyň esasydyr. Olaryň pikiriçe indiwidual ruh Brahmadan tapawutlanýar, adamyň dugularyny, hereketlerni synlap bolýar, emma Brahmada bu zatlary görüp bolanok. Adam öz ýaşaýyş-durmuşynda Brahma meňzejek bolsa, onda öňden kabul edilen ahlak kadalaryna laýyklykda hereket etmelidir, tertip-düzgünli bolup ýaşasa Brahmana meňzäp biler diýip belleýärler.

Ýoga mekdepleri - durmuşda hakyky üstünlik gazanjak bolsaň, onda ilki bilen zerur bolan tärleri işläp düzmeli we “sekiz ölçegli” ýol bilen hereket

etmeli. Beýle diýildigi, ilki bedeniň hereketlerini(dem alyşyňy, bedeniň durkuny saklamagy) kadalaşdyryp bilmeli. Bu bolsa seniň geljekde durmuşa geçirjek işleriň esasyny düzýär we meseleleri öz wagtynda, talabalaýyk çözmäge bedene goltgy berýär. Soňra adam özüni kämilleşdirmek üçin içki dünýäsini, pikirlerini we ünsini yzygiderli kämillrşdirmegiň üstünde yzygiderli işlemelidir. Ahlak kadalary bilen baglanyşykly meseleleriň üstünlikli çözülmegi, psihologiýa ylmymyň indiwidi, şahsyýeti içgin öwrenmeklige giň ýol açmady. Ýörüte psihiki ýagdaýlary öwrenmegiň tärleri işlenilip düzülýär, şahsyýeti dolandyrmaga täsir etmegiň ýollary kesgitlenilýär. Ýogalaryň häzirki döwürde amal edip bilýän käbir tärleri alymlary haýran galdyrýar. Olar öz bedenlerine adatdan daşary hereketleri ýerine ýetiridip, tempiraturasyny ýokarlandyryp (konsentrasiýanyň esasynda), ýiti zatlary tenlerinde synag etmek bilen we beýlekileri mysal getirip bileris.

Hindi edebiýatyna degişli edebiýatlary öwreneniňde, olarda kabul etmegiň iki görnüşiniň barlygyny görüp bolýar:

1. Sensor, ýagny, predmeti synlan wagtyňda, galtaşanda alynýan täsir.

2. Sözüň üsti bilen kabul etmek.

Kabul etmek gönüden-göni aýry-aýry düşünjeler bilen baglanyşyklydyr.Ol daş-töweregimizi gurşap alan zatlaryň şöhlelenmesidir.

Buddistleriň pikirine görä, kabul etmek adamyň intelektine täsir edýär. Söz bolsa predmetleriň adyny, düzümini, obrazyny berip bilmäge ukyplydyr diýýärler.

Mimansa mekdebi- buddistleri we wedantistleri tankytlamak bilen, predmetleri kesgitlemek üçin olaryň özboluşlylygyny aýdyňlaşdyrmaly. Sözde predmetiň aýratynlygyny, umumy keşbini, düzümini berip bolýar. Elbet-de, antik döwrüniň psihologiýasynda düýmadan pikirlenmä kem-kemden geçilenligini görüp bolýar. Esasy

zat bedene predmetiň täsir edenden soňra dörän keşbidir(obrazydyr). Induslarda beýleki halklar bilen deňeşdirende aýratynlygy, olaryň kabul etmä illýuziýa hökmünde garamagydyr. Ýogalar düşe, adatdan daşary kabul edişe ynanypdyrlar. Eger şeýle seredilse durmuş ýoýulýan ýaly bolup görünýär.

Adatdan daşary kabul etmiş tebigy ylymlaryň geçiren tejribeleri garşy çykýar. Hakyky we illuzion durmuşy kabul etmek Mimans mekdebiniň görnükli wekili Bhatta – beden bilen daşdan täsir edýän predmetiň gataşygynda ýüze çykýar diýip belleýär. Eger kabul edişde nätakyklyk gitse oňa sebäp bolýan zat, pereferiki ýa-da merkezi beden bölegi sebäp bolýar. Kä ýagdaýda gallusinasiýa ýüze çykýar. Düýş görmeklik hem gündelik durmuşyň, ýaşaýyşyň bilen bagly bolup gündizki edýän işelriň täsirinde döreýär.

Induslar ýewropalylara garanyňda "Men" düşünjesine has içgin aralaşýarlar. "Meni" kesgitlemek üçin onuň dünýägaraýşyny, zatlara bolan gatnaşygyny, adamlara bolan garaýşyny, özüniň içki dünýäsini açyp bilişi we beýlekiler degişlidir. Olar adamyň dili, ýady, kabul edişi hakynda gürrüň gidende gündelik durmuşda geçirilen synaglaryň esasynda netije çykarypdyrlar. Öz-özüňi synlamagyň esasynda şahsyýetiň aňlaýjylygyny, öz-özüňi synlamagyň üsti bilen amal edipdirler.

Din bolsa adamlaryň dünýägaraýşyna, psihikasyna özboluşly täsirini ýetirip gelipdir. Emma muňa garamazdan materialistik dünýägaraýyşdan ugur alyp psihologiýanyň meselelerini ösdüripdirler. Durmuşyň kämilleşmegi, jemgyýetçilik aňynyň ösmegi, zähmet gurallarynyň yzygiderli we maksadalaýyk kämilleşmegi netijesinde adamyň aňy, özüni alyp barşy kämilleşýär.

Hindistanda aýratyn akym bolup dowam eden Lokaýaty(ýa-da oňa çarwaklar diýip hem at beripdirler). Olar "Men" düşünjesiniň öňe sürýän pikirlerinden ýüz öwrüp, "Men" özbaşdak dowam edip bilmez, sebäbi adam

aňy tebigatyň durkuny düzýän 4 zatdan gözbaş alyp gaýdýar diýen pikire gulluk edýärler.(suw, toprak, howa, ýagtylyk). Olaryň üns beren meselleleri: aňyň duýgy organlary bilen bagly bolmagy.

Medeniýetleriň dürli bolmagy, dini akymlaryň biri-birinden tapawutly bolmagy bilen birlikde döwletleriň, halklaryň, milletleriň arasynda hemişe maddy, medeni we ruhy gatnaşyklar bolupdyr. Olaryň arasynda aragatnaşyk ýola goýlandan soňra aratapawudyny göz öňüne getirip bolýar. Hindistan bilen Hytaý geografik ýerleşişi boýunça ýakynlyk bolsa-da, olaryň filosofiki, psihologik garaýyşlary biri-birinden düýpli tapawutlanýar.

Biz Hindistandasky filosofik mekdepleri öwrenen wagtymyzda olary esasan-da ruhyň täzeden gaýdyp gelmegi(rekornasiýa), bedene özboluşly täsir etmek bilen adatdan daşary başarnyklary kämilleşdirmek(oduň üstünden, ýiti zatlaryň üstünden aýakýalaňaç ýöremek) ýaly adatdan daşary adamlaryň hötde gelip bilýänligine gabat geýäris. Ýene-de bir bellemeli meseleleriň bir antik döwrüniň psihologik garaýyşlaryna din öz täsirini ýetiripdir. Ony her bir meseläniň çözgüdini ylmy esasda derňände görmek bolýar.

Adamyň herekete gelmegi, onuň psihiki işiniň netijesinde we daşdan täsir edilmegi bilen düşündirilipdir. Mehaniki dünýägaraýşyň ýeňilip geçilmegi netijesinde, dünýägaraýşyň ylmy esasda öwrenilişi başlanypdyr. Bu bolsa mundan beýläkde Hindistanda we bütin Gündogarda psihologiýanyň kämil derejede ösmegine, öz ylmy garaýyşlaryny durmuşa giňişleýin ornaşdyrmaga hukuk gazanypdyr.

## BapV: Arap dilindäki ylymda psihologik pikirleriň kämilleşdirilişi
## 5.1.Arap halifatynyň emele gelmegi, onuň taryhy ähmieti, maksady

Arap dilindäki ylmyň gülläp ösen döwri VIII-XII asyrlary öz içine alỳar.VII asyrda arap taỳpalarynyň birleşmesi netijesinde äỳratyn döwlet kemala gelỳär. Täze dörän dowletiň syỳasy daỳanjy bolup yslam dini çykyş edỳär. Halyfat yslamy ornaşdyrmak bilen özine köp territoriỳany birleşdirỳär. Onuň territoriỳasyna girỳän halklar gadymy döwürden medeniýetleşen halklardy.Onuň resmi dili hökmünde çykyş edỳän arap dilidi. Oňa mysal hökmünde Hindistany, Hytaỳy we beỳlekileri görkezmek bolar.

Önümçiligiň ösmegi, feodal gatnaşyklaryň kämilleşmegi, oba hojalygynyň dolandyryşy, döwletleriň arasyndaky ykdysady, haryt gatnaşyklary, emele gelen ykdysady-jemgyetçilik gatnaşygy, tebigy ylymlaryň kämilleşmegine şert döredi. Halyfatyň medeni merkezine dünỳäniň çar künjinden medeniýetleşen dünỳädäki edebiỳatlar gelmek bilen onyň üsti etirilỳär. Abbesidler döwründe/8-13/ Bagdatda şol döwürde mälim bolan dillerde ỳazylan edebiỳatlar getirilỳär. Ellinistik döwürden gözbaş alyp gaỳdỳan takyk ylymlar geljekki ösüşine başlaỳar. Idiologik ỳarag hökmünde Halifat yslam dinine daỳỳanỳardylar.Emma ykdysady-jemgyetçilik gatnaşyklarynda ỳüze çykan talaplar “dine ynanmaỳanlaryň” hem ỳazỳan işlerini öwrenmegi, tebigat, adamyň özi bilen baglanyşykly meseleler öwrenilỳär.

Grek alymlarynyň açyşlary,olaryň öňe süren ideỳalary arap dilindäki halklara elýeterli bolmagy üçin Aristoteliň, Platonyň, Galeniň, Arhimediň we beỳleki filosoflaryň işleri terjime edilỳär, täzeden göçirilỳär. Diňe bir araplarda däl-de ol eserler Hindistana,Hytaỳada baryp ýetỳär.Şeỳlelikde öňe sürülỳän pikirler şol halklaryň

dünỳägaraỳşyna, medeniỳetine, ylmyna, medisinasyna, tebigata garaỳşynda özboluşly orun tapỳar.

Tebigatyň syrlaryny öwrenmek,geçirilỳän tejribeleriň üsti bilen onuň özboluşly kanunlaryna göz ỳetirmek,ony durmuşda erlikli peỳdalanmak. Arap dilinde döredilen ylmy işlerde Platona däl-de Aristotele ỳykgyn etmeklik bardy.Aristoteliň herekete gelmeỳän,emma ilkinji hereketlendiriji güỳç bolup durỳan dien pikiri Gurhana garşy gitmeỳärdi.Şeỳlelikde, Aristioteliň işleri düỳpli işlenilỳär, oňa düşündirişler ỳazylỳar.Onuň täsirinde düỳpli ylmy açyşlar edenler Ibn Sinadyr.

## 5.2. Ibn Sina we Ibn Roşdyň öňe süren pikirleri .

Ibn Sina/980-1037/ /Awissena/ Gundogaryň beỳik filisofy, lukman heniz ỳaş wagty filosifiỳanyň kyn meseleleri bilen içgin gyzyklanỳar. Ol filosofiỳanyň nazaryetine we amalyetine aỳratyn üns berỳär.”Sagalma”,”Danyşnamw”/Bilimler kitaby/ onuň naỳbaşy eserleridir. Ol pikirlenme,pikirlenmede söziň orny, şertli bölüji pikirlenme, lezzeti duỳmak ỳaly meseleleri öwrenỳär. Ol pikirlenme sistemasyny 4 bölỳär: düşinje,pikir,netije,subutnama.

Akyl ýetirmekde logikanyň roluna aỳratyn baha berỳär. Filosofiỳä bilen birlikde ol saza,söze,edebiỳata hem özboluşly goşant goşỳar. Onuň bu meseledäki pikirleri “Şygyr sungaty” atly işinde öz beỳanyny tapỳar.Onuň poeziỳasynda köp sanly öỳkinmä, meňzetmelere gabat gelip bolỳar.Bu bolsa onuň döreden işleriniň gymmatyny artdyrỳar.

Sagaldyş ulgamy bilen baglanyşykly pikirlerini ol 3 bölỳär:

1.Adamyň tertip-düzginli bolmagy. 2. Şahsy arassaçylyk meseleleri. 3.Beden maşyklary.Onň

“Tebipçilik ylmynyň kanynlary”diỳen işi 5 tomdan ybarat bolup, 500-600 ỳylyň dowamynda okuw gollanmasy bolyp Ýewropada peỳdalanylỳar. Ibn Sina daş-töwerekdäki dowam edỳän hakykata göz ýetirmek üçin öňe süren usullary:

1.Akyl-paỳhasy subỳektiwlikden arassalamak. 2 Tebigatyň özünden ugur almak. 3. Predmeti düzỳän elementleri öwrenmek. 4.Deduksiỳany ulanmak. 5. Mälimden nämälime,aňsatdan kyna.

Ibn Roşd /1112-1198/ beỳik filosof göziň duỳuş bölegi hrustaliklerden däl-de,seççataka oboloçkadan durỳar diỳip belleỳär. Ol Aristoteliň işlerine materialistik nukdaỳnazarda baha berỳär.Indiwidual ruh özboluşly aỳratynlyklary özünde jemleỳär.Şeỳlelikde,”hudaỳ aňyny”/bojestwennyỳ razyum/ kabul edỳär.Gün ỳaly ỳagty salmak bilen ol indiwidual ruha täsir edỳar.Şeỳle hadysa bolup geçen wagtynda işjeňlik we aktuallyk başlanỳar.Adam aradan çykandan soň, onuň teni dargaỳar, ruhy uniwersal häsiete eỳe bolỳar.

## 5.3. Ibn al- Haỳýamyň psihologoỳa bilen baglanyşykly pikirleri.

Ibn al- Haỳýam /965-1039/ psihifizologoỳanyň ösmegine özboluşly goşant goşan,göriş kabul edişini öwrenmek bilen, göziň optikanyň kanunyna laỳyk işleỳänligini görkeżỳär./proeksiỳa/. Göreje daşky täsiriň netijesinde neposredstwennyỳ effekt bolỳar,akyl bilen birleşmegi netijesinde göze görünỳän obýektiň meňzeşligi we aratapawudy ỳüze çykarylỳar. Göze reňkleriň täsiri,goşmaça psihologik proсesleriň netijesinde predmetiň formasy, möçberi kesgitlenỳär.Kontraslar,binokulỳar görişleri

öwrenỳär.Predmeti dolulygyna kabul etmek üçin gözüň hereketi zerurdyr./göriş osynyň süỳşmegi/bolup geçỳär.Göriş kabul edişiň dowamlylygy,wagt birligini girizýär. Gysga wagtlaỳyn görkezilende öňden tanyş predmetler çalt ýatda galỳar.Göriş obrazynyň üsti bilen öňki täsirleri dikeldip bolỳar.

## Bap VI: Aristoteliň we Platonyň ruhy öwrenişi we oňa bolan garaýşy

### 6.1. Antiki psihologiýada ruhy öwrenmegiň materialistik esaslary

Antiki psihologiýasynda esasy üns berlen meseleleriň biri-de, ruh hakyndaky pikirlerdir. Ol ilkidurmuş adamlarynyň garaýşynda, mifologiýasynda dowam edip gelýärdi. Meselem, halk döredijiliginde – poeziýa, ertekilerde, dini rowaýatlarda ruha aýratyn üns berilýärdi. Olar ylmy eserde däl-de, bu meselä ylmy şähtden filosofiýada içgin öwrenilýär. Miflerde ruh swerhýestestwenno "adamyň içindäki adam" hökmünde görkezilýär. Janly-jandaryň hereketi, adamyň işi, ruhyň gatnaşmagynda düşündirilýär. Onuň bolmazlygy rahatlygy, ýoklugy, ýok bolmagy bilen düşündirilýär. Uky – ruhyň wagtlaýyn bolmazlygyny aňlatsa, ölüm – ruhyň düýpden ýok bolmagyny aňladýar. Ilkibaşdan synanşyklarda ruhyň özüniň nämeleginde we onuň ýerine ýetirýän işini kesgitlemäge çalşypdyrlar. Bu bolsa psihologiýanyň başlangyjydy, şol döwürden başlap eýýam psihologiýa bilen baglanşykly düşünjeler döreýär we kämilleşýär.

Filosofiýa ylym hökmünde ilki durmuş obşina gurluşygyndan synpy jemgyýet bolan gul eýeçiliginde ýüze çykdy. Ol ylym hökmünde bir bada Hindistanda, Hytaýda şol bir wagtyň özünde Ýewropada, Gadymy Gresiýada, Rimde döredi. Olaryň çözýän meselesi göniden- göni adam bilen baglydy. Şol halklaryň arasynda

täsir etmek, medeni gatnaşyk bolupdyr. Meselem, b. e. öň VI asyrda Gadymy Gresiýada filosogiýa kemala gelip başlan döwürde, eýýäm Müsürde dini mifologik taglymatda ösdürilipdi. Müsürde astronomiýa, matematika kämil ösüpdi. Afrikada we Alynky Aziýada hat ulgamynyň aýratyn görnüşi kemala gelipdi, bularyň ählisi-de Gresiýa öz täsirini ýetirdi. Käbir pikirler öz beýanyny ähli ýerlerde tapýar. Meselem, ruhyň göçüp-gonmasy ylym baglanşykly mesele Greklerde-de, Hindilerde-de birmeňzeş seredilýär. Gadymy Hindi filosofik taglymat bütin Gündogaryň esasy bolup durýar. Ýewropanyň medeniýetiniň ösmegine düýpli täsir eden, ol hem Gadymy Grek filosofiýasydyr.

Gündogar ylym Günbataryň filosofiýasynda, psihologiýasynda aratapawudyň bolmagy nämä bagly?

1. sosial-ykdysady ösüşi
2. ruhy durmuşdaky adatlar, däpler.
3. adama täsir edýän ruhy güýçler.
4. Antiki psihologiýasyna mahsus häsiýetler:
5. Adamy söýmek oňa hormat goýmak.
6. Ýer ýüzündäki ýaşaýşa söýgi döretmek.
7. Beden we ruhy sagdynlyk meselesi.
8. Aňa bolan gatnaşyk (intelektuallyk).

Demokritiň garaýşy boýunça ruh (duşa) bedeni hereketlendiriji güýç bolup, ownuk, tegelek, ýylmanak, şeýle bir çalt hereket edip bilýän atomdyr we ol bütin bedene ýaýrandyr diýýär. Ol hemişe hereketde bolup bedeni herekete getirýär. Diýmek, ruh atomlaryň bedende ýerleşmesidir, paýlanmasydyr. Demokrit oňa giňişlikde hereket edýän material zat hökmünde seredipdir. Haçan-da, beden dargan wagtynda kiçi bölekler daşyna çykýar, giňişlikde ýaýraýar we dargap gidýärler. Onda ruh hem beden ölenden soň ölýär we ýok bolup gidýär. Haçan-da biz dem alan wagtymyzda, kiçi bölejikleri (çastisalary) özümize kabul edýäris, şolar hem ruhy kemala getirýärler.

Haçan-da demimizi goýberenimizde biz ruhymyzyň bir bölegini howa goýberýäris. Diýmek, ol material zat bolmak bilen her demimizde täzelenýär. Demokritiň pikiriçe, ruh ähli zatda bar, hatda dünýäden ötende-de bolup, örän az mukdardadyr. Onuň pikiriçe, daş, ösümlik hem ruhlydyr.

Kesellemek- atomlaryň gatnaşygynyň üýtgemegidir. Garran wagtyňda atomlaryň sany azalýar. Duýgy organlardaky atomlar daşky dünýä ýakyn bolandan soňra olar daşky täsirlere uýgunlaşýarlar. Bedende özüni oňat duýýan atomlar (ýeňil we agyr) beýikdedir. Ol iň ýokary ruhy iş bilen birlikde, aňmaklygy ukyplydyr.

Demokrit bu ýerde ruha tebigy taýdan häsiýetini berýär. Ruh organiki bedeniň önümi hökmünde çykyş edýär, ol bedenden daşary ýaşamaýar. Ruh hakyndaky gürrüňi dowam etdirmek bilen Falos ony – bedenden aýratyn bir zat edip görkezýär(magnite) şu häsiýeti berýär, Anoksemen "Durmuş hakda kitap" diýen işinde – ony howa, Pifogorçylar bolsa ruh ölmez –ýitmezdir we bir zatdan beýlekä geçip bilýär diýen pikiri orta atýarlar.

## 6.2. Platonyň idealistik(howaýy) psihologiýasy

Platon (427-347 b. e. öň) obýektiw idialistik akymyň düýbini tutýar. Onuň pikiriçe, ideýa- hemişelik göze görünmeýär, özbaşdak, islän zadyňa öwrülip bilýär. Material dünýä döredilýär, ýaşaýar, ölüp ýok bolup gidýär. Ideýa bilen zatlar deň derejeli zatlar däldir. Bu ýerde, ruh başlangyç bolup çykyş edýär. Ruh ilki ýüze çykmak bilen, ten bilen birikde bar zatdyr. Tebigatyň ruhy bilen, ideýanyň ruhy dogandyr. Ruh öz tebigaty boýunça ýokarda durýanlygy üçin beden onuň diýenini etmeli, hereketlerini şonuň tebigatyna laýyk amala aşyrmaly. Platon ruhy 9 razrýada bölýär şolaryň hersi bir adama gabat gelýär.

Ruh bilen bedeni deň derejede ösdürmegi ündeýär. Ruh hakyndaky meseleleri özüniň "Döwlet", "Fedre" traktatlarynda ýazyp beýan edýär.

Adamda bar bolan ruhyň 3 sany başlangyjy bar:

1.Iň aşakysy ruh ol haýwanlaýňka meňzeş, şol ruhy bolanlar öz beden isleglerini kanagatlandyrmaga ymtylýarlar, kanagatlanmany duýýarlar. Şu başlangyçda adam suwsuzlygy, açlygy, söýgini duýýar. Ol adamyň ruhyň köp bölegini tutýar.

2.Aňly derejesi garşylyk görkezmek (lezzet alýana).

3. Gazaplanmak (ýarostnyý) ruh – adamyň bir bölegi bolup diňe üstin çykmaly kyn hem bolsa ýeňmeli diýen, ýa-da ölmeli.

Şu üçisi-de biri-biri bilen deňagramlylyk saklamaly. Adam ölenden soňra onuň ruhy bedene jogap berýär.

Platonyň ruh hakyndaky, garaýyşlarynda duýma aýratyn orun berilýär. Duýgynyň sanawuna: gorky, gahar, gam, söýgi, göriplik, isleg, bahyllyk. Ol duýgyny 2 bölýär:1. Aşakgy duýgular – bedeniň talaplaryny kanagatlandyrmak. 2. Ýokarky duýgular – gözellik hem akyl iş bilen meşgullanmak degişlidir diýip belleýär.

### 6.3. Aristoteliň ruh hakyndaky garaýşy

Aristotel (384-322 b. e. öň) onuň "Ruh hakda" traktynda ruh janly teniň görnüşi (formasy) bolup durýar diýip belleýär. Meselem, görmegiň ruhy gözdir, haçan-da görmän galsaň, onda göz göz däldir. Ruh bedeni janlandyrýar. Eger ruh bolmasa, onda ol ölüdir. Ruh ähli zadyň özeni bolup janly bedeniň: boýy, dem alyşy, duýmasy, pikiri bilen berk baglydyr. Ruhda bedeniň işjeňligi bolup, daşky täsiriň hetijesinde ony işlemäge gönükdirýär. Beden bilen ruh aýrylmaz baglydyr. Adamyň ruhy nähili bolsa bedeni hem şoňa meňzeşdir. Ruhyň

organy – ýürekdir. Beýni kömek beriş işini ýerine ýetirýär.( gan gerek derejesine çenli sowaýar).

Ol ruhy 3 topara bölýär: 1. Ösümlik. 2. Haýwan. 3. Adam. Beden ölenden soňra ruh ýok edilenok, ol bedensiz howa giňişligine edir bolup dolanyp barýar. Emma onuň garaýşynda-da idealistik garaýyşlar bar. Materialistik taglymaty ösdürmekde, barlamakda, berkitmekde antik lukmanlarynyň anatomiýada we medisinada açyşlary düýpli täsir etdi.

## Bap VII: Antik psihologiýasynyň jemleri. Aristoteliň, Platonyň psihologik garaýyşlarynyň ylma täsiri

### 7.1. Antik lukmanlarynyň psihologiýa garaýşy

Gippokrat (460-377 b. e. öň) "medisinanyň atasy" Demokridiň pikirini dowam etdiripdi. Antik medissinasynyň düýbini tutujydyr. Onuň belli işleri: "Howa, suw we daş-töwerek hakynda", "Ýiti agyrly kesellerde berhiz saklamak", "Döwügi, çykygy seýiklemek" "Gippokrat ýygyndysy" we beýleki işlerinde medissina bilen baglanyşykly ylmy garaýyşlary ösdürýär. Onuň pikiriçe, pikirlenmäniň we duýmanyň organy beýnidir. Temperament hakda aýtmak bilen ol: adamyň bedenini 4 sany suwukly emele getirýär:1. nem (sliz) beýniden täsir edilýär 2. gan ýürekde. 3. sary öt (beýnide). 4. gara öt –(dalakda) bölüp çykýar, şolaryň haýsy biri agdyklyk etse adamyň temperamentine täsir edýär. Meselem, ganyň agdyklygy – sangwinnik, nem-flegmatik, sary öt- halerik, gara öt – melanholik.

Alymyň ýazyp beýan etmegine görä, keseli anyklamak hem netijeli bejermek üçin yzygiderli gözegçilik etmeli, gelinen netijäni umumylaşdyrmaly, şonuň netijesinde keseli bejermeli diýýär.Keseliň öňüni almak, ony bejermekden amatlydyr hem ýerliklidir.

Biziň eýýamymymyzdan öňki III asyrda Aleksandriýada medisina ösýär. Ýörite muzeý döredilýär we käbir jesedi kesip öwrenmäge mümkinçilik döredilýär. Meselem, Gerofil nerwleri, saçuzuny (suhojiliýany) birleşikleri ýazyp beýan edýär beýniňi örtgini, gözüň gurluşyny içgin öwrenýär. Erestrat bolsa, beýniň ähli böleklerini aýratynlykda ýazyp beýan edýär. Adam beýnisindäki ütgeşikleri öwrenýär.

Soňra bu pikirleri Rim lukmany Galen (II b. e. öň). Ýörite anatomiýa, fiziologiýa hakynda ýazan işleri bilen üstüni ýetirýär we XVII asyra çenli şol işler peýdalanylýar. Olarda kelle we bil beýnisi hakynda ýazylýar. Nerwisiz hiç hili hereket ýok diýip ýazýar. Ol medisina filosofiýasyna degişli 400-den gowrak işi ýazýar. Ol adam bedenini içgin öwrenmek maksady bilen ilki maýmynlarda tejribe geçirýär, şonuň netijesinde adam anatomýasyna we fiziologiýasyna içgin aralaşýar. Adam myşsalaryny öwrenmek bilen olaryň ýerine ýetirýän wezipelerini aýdyňlaşdyrýar. Arteýanyň diwarlarynda 3 sany gatlagyň barlygyny kesgitleýär. Adamyň saglygyny dikeltmek üçin zerur bolan dermanlary taýýarlamagyň usullaryny, serişdelerini kesgitleýär.

Galen ähli zady öz içine alýan ýeke-täk taglymat görnüşinde bolan antik medissina baradaky düşünjäni bir ýere jemlemek bilen, medisinanyň mundan beýläkde kämil derejede ösmegine ýol açdy.

## 7.2. Antik psihologiýasynyň jemleri

Antik filosofiýasy Gadymy Gressiýada we Gadymy Rimde dörän gul eýeçilik jemgyýetiniň filosofiýasy hökmünde taryha girdi. Fallas, Aneksamandr, Aniksemen, Geroklit ilkinji materialistler hökmünde çykyş etdiler. Olaryň pikiriçe, dünýäniň ilki başlangyjy bir maddy zatdan – suwdan (Fallas), howadan Aneksemen, (otdan)- Geroklit gözläpdirler. Şeýle taglymat beýleki

filosoflara garanyňda Geroklitde has aýdyň üýze çykýar. Olaryň materialistik garaýyşly pikirleri özakymlaýyn dialektiki pikir bilen gabat gelýär. Geroklit "Bir derýa iki gezek girip bolmaýar", sebäbi "hemme zat akýar, hemme zat üýtgeýär" diýip tassyklapdyr.

Soňra bu pikirleri Demokrit ösdürmek bilen atomistik taglymaty esaslandyrýar. Emma muňa garamazdan Antik psihologiýasy bilen baglanyşykly meseleler töwerekleýin çözülmändir, köp meselelerde belli bir netijeler gazanylmandyr. Alymlaryn kä biri idealizmiň tarapdary bolup çykyş etseler, beýlekileri materialistik pikirlere gulluk edipdirler. Öz döeri bilen baglanyşykly kemçilikleriň barlygyna garamazdan, ol filosifik pikirler geljekde ylym hökmünde ýokary derejedekämilleşjek filosofik pikirlere, şonuň bilen birlikde-de psihologik düşünjeleriň kämilleşmegine giň yol açýar.

Aristoteliň filosofik taglymaty Platonyň idialistik taglymatyna arşy durýar, ol bolsa öz gezeginde filosoflaryň tebigatyň hadysalaryny ylmy esasda öwrenmegine itergi berdi. Aristoteliň gelen ýene-de bir netijesi dünýä hil taýdan dürli elementlerden: toprakdan, ýelden, suwdan we otdan durmak bilen dünýäni kemala getirýär diýip bellewýär. Ol zatlaryň, materýanyň obektiw kanunlaryň esasynda ýaşaýanlygyny ykrar edýär. Kä ýerde Platonyň täsirine düşmek bilen "Ilkinji hereketlendirijiˮ, "Ähli formalaryň formasynyň" ýaly pikirlerede duş gelmek bolýar.

Psihologiýanyň esasy meseleleriniň biri bolan akyl ýetirmek, onuň pikiriçe , akyl ýetirilýän zatlar olar baradaky bilimlerden ozal ýaşaýarlar.Diýmek, meseläni adamyň özi çözenokda, oňa daşyndan belli bir güýç täsirini ýetirýär. Antik filosoflarynyň pikiriçe, biziň ten duýgularymyz diňe ýekeleýin zatlary bilmäge kömek edýän bolsa, onda ylmyň wezipesi –hususy zatlardaky umumy zatlara akyl ýetirmäge mümkinçilik döretmelidir.

Antik psihologiýasyna mahsus zatlaryň biri-de beýleki jemgyýetçilik ylymlary bolan estetika, etika, sosialogiýa ylymlary bilen utgaşykly ösmegidir. Adamyň akyl taýdan kämilleşmeginde ylym-bilimiň, terbiýäniň aýratyn orun tutýanlygyny belläpdirler.

Netijede, antik ylmynda psihologiýanyň öwrenýän hadysalarynyň toparlary baradaky bilimleriň takyklanylmagy we psihiki hadysalary açyp görkezmek üçin ulanylan iki sany gapma-garşylykly akymyň ýüze çykmagydyr. Grek alymlary psihikanyň mehanizmini ýönekeý göz öňüne getiripdirrler, olaryň öz gözegçiliklerinde şonça köp gymmatly zatlary alyp bilendiklerine dogry baha bermek zerurdyr. Bu bolsa psihologiýa ylmynyň gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýanlygyna şaýatlyk edýär.

## Bap VIII: Galeniň adamyň gurluşyny öwrenişi

### 8.1. Galeniň geçiren tejribeleriniň netijesi

Galen (129-199 b.e. öň) ýaşap geçen Rim lukmany, onuň esasy öňe süren taglymatynda nerw-psihiki işiň amala aşyrylyşy bilen baglanyşykly meseledir. Adamyň merkezi beden bölekleri bile çet-gyradakylaryň (periferiki) arasynda hemişelik aragatnaşyk ýola goýlandyr. Gyjyndyrjynyň täsir etmegi, merkeze gelip ýetýär we onuň çözgüdi bolyp geçýöýär. Ähli maglumatlar biziň ýokary nerw ulgamymyza yzygiderli gelip, şol ýerde täzeden işlenilýär.

Nerw ulgamy daragta meňzeş bolup, onuň her bir şasasy özbaşdak ýaşaýar. Nerwi hem edil beýni ýaly materialdan durýandyrEsasy maksat duýmakdan we hereket etmeklige gönükdirilendir. Galen nerwleri:

-“ýumşak” örän duýgyr bolup bedeniň böleklerinde ýerleşýär.

-“gaty” nerwleriň kömegi esasynda özbaşdak hereket amala aşyrylýar.

Soňra ol hem Gippokrat ýaly temperamente degişli meseläni ylmy esasda öwrenýär. Galeniň psihofiziologik garaýyşy ylymda düýpli orun eýeleýär. Adamyň fiziologik esasda öwrenilmegi onuň psihologiýasyna içgi aralaşmaga, ruhyň belli bir derejede jan bilen baglanyşygyny subut etdi. Adamlaryň arasyndaky özboluşly tapawut, olaryň bedenindäki aratapawuda baglydyr. Temperamentiň öwrenilmegine özboluşly goşant goşýar.

## 8.2. Onuň psihologiýa ylmyna goşandy

Galen ýörite anatomiýa, fiziologiýa hakynda ýazan işleri bilen üstüni ýetirýär we XVII a çenli şol işler peýdalanylýar. Olarda kelle we bil beýnisi hakynda ýazylýar. Nerwisiz hiç hili hereket ýok diýip ýazýar. Ol medisina filosofiýasyna degişli 400-den gowrak işi ýazýar. Ol adam bedenini içgin öwrenmek maksady bilen ilki maýmynlarda tejribe geçirýär, şonuň netijesinde adan anatomýasyn we fizologiýasyna içgin aralaşýar. Adam myşsalaryny öwrenmek bilen olaryň ýerine ýetirýän wezipelerini aýdyňlaşdyrýar. Arteriýanyň diwearlarynda 3 sany gatlagyň barlygyny kesgitleýär. Adamyň saglygyny dikeltmek üçin zerur bolan dermanlary taýýarlamagyň usullaryny, serişdelerini kesgitleýär.

Galen ähli zady öz içine alýan ýeke-täk taglymat görnüşinde bolan antik medissina baradaky düşünjäni bir ýere jemlemek bilen, medissinanyň mundan beýläkde kämil derejede ösmegine ýol açdy.

## Bap IX: Orta asyrlarda psihologik meseleleriň çözülişi

### 9.1. Orta asyrlara we täzelden dikeldiş döwrüne häsiýetnama

Orta asyrlar diýen düşünje V-XVI a we XVII a. 1-nji ýarymyny öz içine alýar. Taryhda bu döwür feodal jemgyýetiniň ýüze çykan, ösen hem pese düşen döwri hasaplanýar. XVII a 48-60 ýý bolup geçen iňlis rewolýusiýasy kapitalistik gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna getirdi.

Taryhy ösüş ähli halklarda deň bolup geçmedi. Meselem, arap taýpalaryň bütindünýä taryhyna girmegi bilen Köne dünýäniň, ýagny, Arap ýarym adasyndan tä Atlantika ummanynyň kenarlaryna çenli, soňra bolsa Indoneziýa çenli Arap halifatlygy emele geldi. Rus halkynyň durmuşynda bu döwürde jebisleşmek hadysasy bolup geçýär. Ol XVI a eýýäm, Uraldan geçip köp milletli döwlete öwrüldi.

Orta asyrlarda Gündogar öz ornuny tapdy. Gündogarda feodal gatnaşyklary Günbatara seredeniňde öň başlady. Hytaý, Hindi, Arap, Eýran, Orta Aziýa medeniýeti gülläp ösýär. Emma käbir sebäplere görä Gündogarda kapitalistik gatnaşyklar ösmedi. Şeýlelikde, ösüş gündogardan Günbatara geçdi.

Orta asyrlara baha bermekde özbolüşly garaýyşlar bar. Meselem, Gumanistler –“adamzady garaňky tümlükden ýagtylyga alyp geçen” döwür diýýärler. N. A. Berdýaýew bolsa, “orta asyr adamzadyň iň bir çylşyrymly döwri bolup onda wahşyçylykdan adamzadyň ruhynyň galkynan, pikiriniň işläp, medeni we döredijilik eýýami boldy” diýip bahalandyrýar.

Orta asyrlar beýik adamlaryň dünýä inen we ýaşan, döreden döwri bolup, olara adamzat şu gunki gün guwanýar. Halk köpçüliginiň serdarlary Ýot Taýler, XIV a Angliýada daýhan gozgalaňynyň ýolbaşçysy, Utopiki

sosializm düýbini tutujylar Tomos Mor, Tonmaza Kamponena beýik akyldarlar we filosoflar Rodžer Behon, Awisena Ýan Gus, Nikolaý Kopernik, Džordan Bruno, Galileo Galileý, magaryfy ösdüriji M. Lýuter, şahyrlar O. Haýen, Nyzamy, Dante, Rable, Şekspir, Serwante görnükli hudožnikler Radhel, Leonardo Da Winçi, Andreý Rublew, Renbreýin. Ý. Gurewiç şu döwri derňemek bilen şahsyýet diýen düşünje kemala gelýär. (F. Akwinskiý – XIII a Duglas Skot – XIII a., Dante XIII-XIV a).

Ilkibaşda gadym eýýäm bilen baglanşyk güýçli bolýar. Bilim bermeklik antik awtorlaryň, filosoflaryň tebigaty öwrenmekleriň Gippokradyň, Arestoteliň, Galeniň işlerini içkin öwrenmelidir. Soňra bilimiň üstüne agyr gabyr bolup din inýär. Eýýäm din ugrundan, alhimiýadan, astranomiýadan professorlar döreýär. Şonuň üçinde V-XIII a "garaňky ýyllar" diýýärler. Onuň sebäbi hem şu döwürde dünýä dinleri : buddizm- orta asynky Aziýada, Yslam- alynky Aziýada, Orta Aziýada, Demirgazyk Afrikada, Hristiançylyk – Ýewropada ýüze çykýar. Diniň esasy instituty metjitdir. Orta asyrda diňe serkwe ynanmak, öňde baryjy pikirler bolup ýantyrmak dine garşy çykyş edenlere inkwizitorlar tarapyndan çäre görmek (1022ý).

Din şol döwürde döwlete, syýasata, bilime deň derejede täsir etmändir. Meselem, Hytaýda buddizm güýçli össe-de, dini kitaplar okuw gollanmasy bolmandyr. Olap Konfusiniň işlerinden peýdalanypdyrlar.

## 9.2. Orta asyrlaryň we täzeden dikeldiş döwrüniň psihologiýasy

Ýewropanyň ruhy durmuşynda psihologiýa bilen baglanşykly pikirler
nominalizmde ösdürilýär. "Umumylyk- predmetler däl-de, olar ýönekeý söz, ses we atlardyr" diýilýär. Adamda umumy adamzat psihologiýasyndan daşarda "ideýa"

ýokdur diýilýär. Bu filosfik akymyň garşysyna bolsa realizm göreşýär. Bu ýerde umumylyk (unwersal diňe aýry-aýry predmet hököminde ýaşaýar. P. Abelýar (XII a) bu iki akymyň garşysyna konseptualizm ösdürýär. Ideýalar predmetlerden daşarda ýaşamasalarda, olary diňe söz hökmünde kabul etmek bolmaz. Ideýa- akymyň önümidir we pikiriň özboluşly aýratynlygyny görkezýär. Bu akym sholastikanyň düzminde hereket etdi. Gapmaagarşylyk umumylyk bilen aýratynlygyň arasynda girýärdi. Ideýa ilki döräpmi ýa-da predmetler (ideýa - weş). Adamyň bilim aýratynkygy – duýmadan başlanýarmy, predmetleri duýmadanmy ýa-da ideýadan zatlarymy. Matematikanyň, astranomiýanyň ösmegi bilen aýratyn sorag hökmünde: ynam ýa-da bilim? ( wera ili znaniýe)

Foma Akwinskiý (1226-1274) görnükli shelastik, ol dini dünýägaraýşy goldap çykyş edýär, onuň pikiriçe, ruh ýeke-täkdir, ruh bedende ýerleşýär, emma ol özbaşdak ýaşap bilýär. Ol bedeniň hereketiniň çeşmesi bolup çykyş edýär. Ol hem ruhy 3 bölýär: aňly düşünjeli, ösümlik we haýwan. Haýwan hem ösümlik ruhy öz funksiýasyny ýerine ýetirmek üçin toprak zerur. Beden bilen ruhyň gatnaşygy materiýa bilen formanyň gatnaşygy görnüşinde suratlandyrylýar. Adamyň ruhy ölmez-ýitmezdir, şonuň üçin ol tegelegi hem özüne birikdirýär. Ruh 2 arassa görnüşe degişli bolup, oňa bedeniň dargamagyna täsir etmeýär. Ol ölmez-ýitmezligini saklap galýar.

Onuň pikiriçe, adamda tebigy aň bar, ol gezeginde aňlamaga (göz ýetirmäge) mümkinçilik berýär. Oňa şert döredýän zat duýgy intelektdir. I derejeli aňlamagy döredýän daşky hem içki duýgy organlarydyr. Daşkysy – daşky duýgy organlary. Kabul etmeklik haýsyda bolsa bir zadyň täsirinde ýüze çykýar. Bu ýerde diňe material zat däl (Demokridiň pikir edişi ýaly), obrazlar, ýatda galan zatlar. Duýma gözüň, gulagyň we boý işjeň gatnaýmagynda bolup geçbär.

Içki – umumy duýgy, göz öňüne getirme, ýat, pikirlenme. Intelektiň üsti bilen biz her bir zadyň manysyna, maksadyna düşünýäris. Ol beden organyň täsiri däldir. Ol adamyň aňyny ösdürýär.

Akwinskiniň pikiriçe, hudaý iň ýokary we soňky maksatdyr. Öz ýüregiňi açmak (otkraweniýe) muňa getirýän ýoldur. Dinde iň täsirli hasaplanýar. Erk bilesigelijiligi oýanýar. Ol ähli zady hudaý tarapyn hasaplaýar.

Rodžer Bekon (1214-1292) ol sholastlar bilen jedel netijesinde akyl ýetirmelde gözegçiligiň we terbiýäniň aýratyn orun tutýanlygyny nygtaýar. Ema onuň pikiriçe, tejribe diňe bedeni öwrenip biler, ruha göz ýetirip bilmez. Onuň işlerinde görüş nerwleri, gürüşiň kabul edijiligi, ýagtylygyň döwülmegi we beýlekiler öwrenilýär.

XVI asyrda beýik geografik açyşlar, mehanikanyň ösdürilmegi, astranomiýada, matematikada düýpli açyşlar edildi. Meselem, N. Kopernik (1473-1543) I. Kepler (1571-1530), Dž. Bruno (1548-1600), G. Galileý (1564-1642) täze eýýämiň açyşlarynyň düýbini tutan alymlardyr. Olar: kanunlary açmak we ony ylmy derejede düşündirmek; tebigatyň obýektiw kanunlaryny öwrenmek. Ylmy pikirlenmäniň yzygiderli ösdürilmesi bolup geçdi. Eýýäm ylmy iş alym barlamagyň täze usulynyň işlenişi düzülýär. Sözüň doly manysynda "Ylmy rewolýusiýa" bolup geçýär. Andreý Wezali (1514-1564) "Adam bedeniniň gurluşy hakynda" (1543) işi neşir edilýär we ol Galeniň antohimiýasynyň ornuny tutýar. Emma bu işde köp sanly ýalňyşlyklar goýberilýär, sebäbi ol öz işini maýmyny we iti kesip öwrenmek bilen ýazypdy.

M. Malpigi (1628-1694) eksperemental fiziologiýa boýunça iş alyp barsa, W. Garweý 1628 ý gan aýlanyş boýunça açyş edýär.

Nemes sholastary R. Goklenius we O. Kassman iliknji bolup 1590 ýylda "Psihologiýa"düşünjäni girizýär.

# Bap X: Günbatar ýurtlarynda psihologiýanyň ösdürilişi

## 10.1. Eksperimental psihologiýanyň ýüze çykmagy we maksady

Psihologiýa eksperimentleriň ornaşdyrylmagy bilen onuň aýratyn ylym hökmünde täze bir döwür başlanýar. Psihologik kanunalaýyklyklaryň real hakyky matematik hasaplamalary ýüze çykdy. Geçirilýän tejribeler psihologik bilimleriň ölçeglerini düýpli derejede özgertdi. Tejribeleri işlän wagtyň dikeldip, täzeden gözden geçirmäge şert döredildi.

Psihologik faktorlaryň obýektiwligiň gaýtalap bolýanlygy, derňäp bolýanlygy onuň esasy ölçeg birligi bolýar. Bu ugruň ösmeginde we kämilleşmeginde nemes uniwersitetleri düýpli iş etdiler. Şol bir wagtyň özünde bu ugurda Orsýetde, ABŞ-da, Fransiýada, Angliýada ulmy işler alynyp baryldy. Ýöriteleşdirilen laboratoriýalaryň döredilmegi ýaş ylym bolan psihologiýanyň eksperimental ugruny düýpli ösdürmäge şert döretdi. (Psihofiziologiýa, Psihofizika, Psiometriýa).

Köp sanly barlaglar sensor funksiýalary ylmy derejede öwrenmäge gönükdirildi. Psihologiýa bilen fiziologiýanyň gatnaşygy has ösdi. Görüş duýmasy we kabul etmesi Gelmgolsyň "Fiziologik optika" diýen işinde uly orun tapdy.

W. Wungyň laboratoriýasynda binokulýar görüş, görüş uýgunlaşmasy (G. Aubert, A.B. Folkman) kontrast, reňkleri duýma ýaly meseleler öwrenilýär.

1894. ý. I Kris gözdäki (kolboçoklary we taýajyklary), açýar.

## 10.2. E. Gernigiň we L. Langeniň tejribeleriniň netijeleri

Eweld Gering (1834-1918) Praga uniwersitetiniň professory, fiziologiýanyň dürli görnüşli ölçeg gurallaryny (pribory), prisposobleniýalary oýlap tapmak bilen eksperimental psihologiýa boýunça alnyp barylýan işleriň netijeligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik döreýär.

Ol öz tejribeleriniň üsti bolen Gelmgolse garşy çykýar we natiwizm taglymatyny esaslandyrýar we gözüň her bir nokady ozbaşdak 3 sany belgini kabul edip bilýar. Beyikligi, çep we sag pozisiýalary, çuňlugy. Reňkleri saýgarmak bilen baglanyşykly her täze garaýyşy öňe sürýär. Onuň pikiriçe assosiasiýa we dissimulýasiýanyň esasynda himiki reaksiýanyň netijesinde ak-gara, gyzyl-ýaşyl, sary-gök reňkleri duýup bolýar. Eşdiş duýgysyny öwrenmekligi girişmek bilen K. Ştutid sazandalary obýekt hökmünde saýlap alýar we 2 tomdan ybarat işini (1883-1890) neşir etdirýär. Bu meseläni soňra Wunduň mekdebine degişli bolan alymlar Skripçur we Krýüger öwrenýär. Soňra deri duýgysy we tagam içgin öwrenilýär (Blike, Freý).

Reseptorlary öwrenmeklik hem fiziologiýa bilen baglanyşyklydyr. Bu ugurda geçirlen eksperimentleriň ilkinjisi reaksiýanyň geçiş wagty bilen baglydy. W. Wunduň laboratoriýasynda sensor reaksiýalaryň geçiniň deň däldigini kesgitledi. Rus alymlaryndan Segenew bu ugurda düýpli işleri bitirdi.

Odessa uniwersitetinde fiziologik laboratoriýany Seçnewiň okuwçysy A. Spiro esaslandyrýar we psiholog-eksperimentor wezipesini ýerine ýetirýär. Onuň pikiri boýunça gönükdiriji hökmünde kabul edilýän obýekt täsir edýär, kabul etmäniň fazalaryny kesgitleýär.

Reakulend 2 gurluşdan durýä: motorjy we sensoriod. N. Lange öz eksperimentleriniň netijesini "Psihrologik barlaglar" (1893) diýen işinde beýan edýär.

Eksperimental psihologiýa henetiki we biologik ugurdan çemeleşmeklik ýüze çykýar. Bu ugurda düýli işlän N. Lengedir. Tejribeler bien birlikde öz-özüň syn etmek hem dowam etdirilýär. Psihiki hadysalaryň obýektiwligi, eksperimentallygyň san hem hil taýdan işlemäge mümінçilik döredildi. Esasy mesele, ylmy obýektiwligi bolmaly.

Bu ugurda täze başlangyç sözleýşiň komponenti (şöz reaksiýa). Diýmek eksperimentlerden reçewyý assosiasiý.

Assosiatiw eksperimentler boýunça F. Galton (1822-1911) 1879-nji ýylda aýratyn işini neşir etdirýär. Meselem, ol 75 sözden ybarat spisok düzýär we şol sözleriň hersi bilen bglanyşykly assisiasiany tapýar. Tejribä gatnaşýan, özüniň kämilligine ýa-da dälligine, reaksiýanyň geçiş tizligine göz ýetirip bilýär. Emma, W. Wund tejribe geçirende bir sözi aýtmak bilen pikiri oýarýar şol wagtdan hem hronometr bilen ölçeýär. W. Wund öz tejribeleriniň netijesinde assosiaýanyň tiplerini kesgitleýär:

1. "söz" 2. Daşky 3. Içki

Diýmek, psihologiýanyň gelip çykyş taryhy fiziologiýa bilen berk baglanyşyklydyr.

## 10.3.Ebbingauzyň eksperimental psihologiýa goşandy

Gerion Egginguiz (1850-1909) nemez psihology, onuň 1885 ý. neşir etdiren "yat hakda" diýen işi eksperimental psihologiýanyň olçeginde aýratyn orun tutýar. Ol özüniň ýat hakda düýpli açyş etmegine ýardam eden Fehneriň "Psihofizikanyň elementleri" diýen işe salgylanýar. Fehneriň işi diňe gyjyndyryjy we duýma

bilen baglanyşyklydy. Tejribäniň esasyny düzýän zat, manysyz bogunlardyr 2 sany çekimliniň içinde 1 çekimsiz. Şeýle edilse hiç hili many aňlatmaýar. Many aňlatmasa-da hiç hili assosiasiýa döretmeýär. Bu ady barlamakda obýektiw usul bolup durýandyr. Bu mesele bilen baglanyşykly 1897-1902 ýý. "Psihologiýanyň esaslary", 1908 ý. "Psihologiýadan oçerk" diýen işleri bar. Ol köp sanly, tejribäni özünde geçirýär we subut edýär. 2300 many aňlatmaýan bogunlardan sanaw düzmek bilen, olary özleşdirmäge girişýär. Özleşdirmek üçin ilki ol bogunlary okap çykýar, soň olary ýatdan dikletmäge synanşýar. Eger başa barmasa täzeden okap çykýar. Esasy maksat ýalňyşsyz ýatda saklamakdyr. Gaýtalamanyň sany işiň netijesine täsir edýär. Beýleki bir tärde birnäçe wagt geçenden soňra, täzeden dikeltmek meselesi, soňra onuň ýat bilen baglanyşykly meselesine G. Liller (1850-1934) 1893 ý "Ýady öwrenmäge degişli eksperimenti materionar" diýen işini neşir etdirýär.

Ebbingouzyň usuly diňe bir ýady däl-de endikleri içgin öwrenmäge şert döreýär.

Şeýlelikde, eksperimental psihologiýa özbalyşly ösüşe eýe boldy we geljekki ugurlaryň ýüzu çykmagyna we kämilleşmegine ýardam etdi.

# Bap XI: Täzeden dikeldiş döwrüniň psihologiýasy
## 11.1. Assosiatiw psihologiyanyň kemala gelmegi

XVIII a. inlis psihologiyasy J. Lokkyň empiriki pikirinden Berkliň, Ýumyň we D. Gartliniň assosatiw psihologiyasyna ösüp geçýär. Assosiasiya lat. - соединяю - birlesdiryarin diyen, bir we birnace psihiki prosesi baglanşygy (duymak, pikir, hereket).

D. Berkli (1685-1753) ol J. Lokkyň pikirini dowam etdirijilerin biri bolmak bilen, sensualizmden olar bir berk tasir subyektiw edyar idealizme gecyar. Psihologlar üçin in bir tasir edýän zatlaryn biri-de „giňişligi kabul etmekdir" (Gorusli taze tejribelerinin teoriyasy" 1709 y.). Onun pikirige, gorus renkler, yagtylyk, ginsilik, hereket, dyngura hakynda ideyalary beryar. Ginislik hakyndaky hasiyetyna myssa duygulary arkaly gelip edyar (goze tasir edyar). Gorus we duyma biri-biri bil baglansyklydyr. Diymek, gorus duygusy gorusin we duymanyn birleslesidir.

D. Ýum (1711-1776) D. Berkliniň pikirini dowam etdiriji „Adamyn tebigaty hakda traktat" (1739), „Adam anyly owrenisi hakda" (1748) ýazan işlerinde assiasiatiw ideyany ösdurdi. Ol ahli ýagdaýy 2 bölyar: „tasir" we „ideýa". Ideýa - gowsak tasirdir, ony biz pikirlenden we seljerisde peydalanyarys, ideya- çylşymly ýa-da ýönekeý bolup biler. Çylşymly ideýa assosiasiyanyň esasynda ýuze çykar. Akylyň gatnasmagy bilen döreyar. Ol ylmy açyşlaryň esasy bolup çykyş edýar. Sebap-netije gatnasyklary hadysalaryn yzygyderliginde bolup gecyar. Şonuň netijesinde adamda ynam döreyar, sol predmet hemise şeýle kabul edilýar. (Meselem, çorek ).

D. Gartli (1705-1757) lukman, assosiatiw psihologiya goşant goşýar. 1749 y. „Adam, onun gurluşy, borçlary we onu dolandyrylyşy" diyen işinde psihikany tebigy usulda ösdürýär. Ruhy bosarsik (kabul edis)

beylekin organiki gurlusigyna tasir edilmegi we beyleki bilen bolup gecyar. Ruhy durmuşyň birnaçe ýönekeý elementi bar:

1.Duýma (сенсация). 2. Duýma ideyasy. 3. Ýönkeý affektiw ton (аффекция) - kanagatlanma, kanagatlanmazlyk. Bu psihologik mehanizmiň esasynda yrgyldy (вибрация) ýatýar. Beýle diyildigi material fiziologik prosesdir. Ol beyinde we yokary nerw sistemasynda bolup gecyar we ony yrgyldyrýar: - derejesi - ýeri - ugry boyunca tapawutlanýar. Assosiasiya bir wagta we yzygiderli bolup biler. Şonuň esasynda yat, düşünje, pikirlenme, erkli hereket, affekt, göz öňüne getirme bolup geçýär.

Affekt dogbitdi bolmayar, howes - terbiyetin esasynda döreýär Meselem, gorky ilki çagada bolmaýar. Oýanma aýratyn alnan myşsalaryn oýanmagy bilen baglydyr.

## 11.2. XVIII asyrda fransuz psihologiyasynda empiriki akymyň yüze çykmagy

XVIII a. Fransiyada emririki psihologiya yuze çykýar. Muňa sebap bolan zat J. Lokk , R. Dekartyň adamyn bilimleriniň ýuze çykmagy hakyndaky çekişmeleridir. Bu asyr Fransiya üçin rewolyusion hem halk magaryfy bilen baglansylydyr.

E. Kondilýak (1715-1780). Ol bilimiň akyl ýetiriş işi bilen baglanysykly dygyjy öwrenýär. Kanagatlanma we kanagatlanmazlyk bularyn ikisi-de duýmanyň emosionall basgançagydyr. (Duýma hakynda traktat"). Pikirinme - duýma esaslanyandyr.

J. Lammerti (1709-1751) lukman we filosof. Ol adamyň içki gurluşyny, beýnisiniň gurluşyny öwrenmek bilen, adam tebigatyň aýrylmaz bölegidigini nygtaýar. („Adam-ösumlik" traktaty). Ösümlik, haýwan - adam aýratyn özboluşly basgançagy kemala getiryar diyip

belleýär. Adam tebigatyn iň ýokary ösen bölegidir. Adamyn durmuşynda terbiýe we bilim esasy orun tutyar. Isleg naçe ýokary bolsa, şonça-da akyly ösyýr.

K. Gelwessiý (1715-1771) akyl taydan deňsizlik nireden gelip çykar. Ol tebigat bilen baglymy ýa-da terbiye. Onuň pikiriçe, diňe duýmanyň esasynda intelektual başarnyklar kemala gelýär diýip belleýär. Akyl bilen baglanyşykly (denesdirme, gorayys hetmesi duymanyn esasynda bolyar.Gyzykganma bagta etmegin esasydyr. Bbagt - beden taydan kanagatlanmadyr. Onun esasynda hereket, pikir, dostluk, soygi, doreyar. Akyl hakynda pikir yoretmek bilen hil hili geografik gusaklygyn, jynsyn, bedenin berdaslylygynyn tasir etmeyalligini belyar. Eger ahli adamlar akyl taydan osmage ukyply bolsalarda, ahlisi dusa bilen acyslary etmeyarlar. Onun 2 sany sebabi bar:

1. Olaryn durli ýagdaylarda bolmagy (случай)
2. Şohrata bolan goraýyşlary.

Beyik açyşlaryň durmuşa geçirilmegi bilen öwrenmegi we beyik adamlary terbiyenmekde ýerlikli peýdalanmaly diýip çikyş edýär.

Höwes akyl taydan işjenligiň esasydyr. Onuň gurluşy ähli adamlarda deň daldir. Höwes - terbiýeniň önümidir. Adamlara howes şohrat getiryar. Şahsy bahbit jemgiyetcilik bahbidi bilen uytgasyn gitmesdir. Bu bolsa talaplaryň ýüze çykmagyna alyp gelýär.

D. Didro (1713-1784). Gelwessiden tapawutlykda başarnyk dogabitdidir diýýär.

Z.Z. Russo (1712-1778) filosof, yazyjy „Emil ya-da terbiye hakynda", „Taze eloiza" atly işleri terbiye meselesine bagyşlanypdyr. Çaganyň psihiki taýdan ösüşi ylmy derejede öwrenýär. „Erkin terbiýe" meselesini öňe sürýär.

## 11.3. XVIII asyrda Orsýetde psihologik pikiriň ösdürilişi

XVIII a. psihologik pikirin ösmegi feodal-kreposnoý gurluşyň esasynda bolup gecyar. Bolup gecyan ganma-garşylyklar AN.Radişewiň „Peterburgdan Moskwa syýahat" (1790ý.) diýen kitabynda giňişleýin beýan edilýär. Ol kreposnoy dizgirinin yatyrilmegini isleyar. Akyl taydan ösüş okatmak hem halk magaryfy bilen baglydyr. Indiwidual akylyň çeşlesi beýleki adamlaryň tejribiyesi bilen baglydyr. Ony biz diliň we ýazuwyň usti bilen öwrenýäris.

Orsýetde psihologiyanyn materialistik esasyny gaýan M. B. Lomonosowdyr. (1711-1765) Ensiklopedik-alym. Onun psihologiya bilen baglanysykly pikirleri tebigaty we rus dilini owrenmek bilen baglanysyklydyr. Ol 3 komponentden duryan yagtylyk haldaky teoriyany islap duzyar. „Yagtylygyn gelin cikisi hakda soz" (1757). „Riterika hakynda gysgajy ugrukdyrma" (1744). Sozun psihologik esaslary dujelyar.

Radişew (1749-1802) rewolýusion-demokrat , onun pikirine görä, ruh beden aýry ýaşap bilmez dýýär. Psihika beýni we nerw ulgamy bilen baglanyşyklydyr. Ol adam psihikasy bilen haywan psihikasyny deňeşdirýär. Adamyň tebigatyny öwrenýär, uügunlaşýar, özgerýär, sözi hem akyl taydan ösýär, indiwidual akyl kemala gelýär. Adama terbiýäniň, jemgiýetiň tasiri, adamyň ukyby bilen kesgitleyar. Antik döwründe bolan psihologiyada adamyň içki dünýäsini öwrenmäge aýratyn uns berýärler. Ondan başga-da sonraky döwürde öz-özüňi aňlamak, erk, duýgy, ruhyňy ýokarlandyrmak hakyndaky pikirler degişirildi. Antik eýýamynda ruh durmuşyň basgançagydyr. Platonda an, akyl, düýş görmekde, döredijikde, ruhlanmagyň we tutanýerliligiň oýnaýan orny hakda.

## Bap XII: Alymlaryň dünýä halklarynyň psihiki aýratynlyklayny öwrenişi.

### 12.1. Medeniýetiň we umumy tejribäniň esasynda logiki kanunlaryň öwrenilişi .

Medeniýetiň we umumy tejribäniň esasynda logiki kanunlaryň (kategopnýalaryň ) öwrenilişi .

Logiki kanun –bolanda pikirler arasyndaky içki , zerur hem düýpli baglanşyk , pikirlenmäniň hökmany şerti . Ol 4sany kanuny özüne birikdirýär .

1. Birmanylyk kanuny
2. Garşylyk kanuny-
3. Bir pikir ýöretmäniň bolup bilmezlik kanuny .
4. Ýeterlik esas kanuny .

Şu kanunlar pikirleriň kesgitlidigin, garşylykly däldigini yzygiderlidigini we esaslandyrylandygyny aňladýar . Esaslandyrylmadyk pikirler ynamly bolup bilmez .

Her bir kanun halklaryň belli bir tarapyny, kesgitli häsiýetini we gatnaşyklaryny şekillendirýär . Meselem, birmanylyk kanuny zatlaryň hem hadysalaryň hil kesgitlemegi şekillendirýän bolsa , ýeterlik esas kanuny predmetleriň hem-de hadysalaryň arasyndaky sebäp-netije baglanşyklaryny şekillendirýär . Logiki kanun adamyň erkine we islegine bagly däldir .Adam bu kanunlaryň barlygyny bilse-bilmese-de onuň pikirlenmesi şu kanunlara laýyk gelýär . Olar adamyň zähmeti we durmuşy bilen baglanşyklydyr. Pikirlenme zatlaryň gaýtalanýan şol bir häsiýetlari bilen telim gezek duş bolup , olary şekillendirip , netijede pikirlenmede şol häsiýete eýedir . Logiki kategoriýalar – giňişlik , wagt , sebäp , gapma-garşylyk , logiki kanunlar , inkär etme diňe jemgyýetde ýüze çykyp biler . Olar ýeke-täk indiwidiň çykaryp biljek netijeleri däldir . Jemgyýet daş-töweregiňdäki wakalary tertibe salýar .

Dýurkgeýmiň ýazmagyna görä “ýeke-täk adam “toner” , “klas” , “görnüş” ýaly düşünjeleri ýüze çykaryp bilmez . Jemgyýetde tebigy hereketler tertipleşdirilýär we belli bir sistema salynýar . Bu mesele barada Dýurkgeýmiň primitiwnyh formah klassifikasii” diýen işi bar. Işde awsraliýälylaryň we indeýleriň durmuşyndaky mysallar getirilýär . M. Ýagtylygyň ugry , asman jisimleri . Adamlar predmetleri bir topara birleşdiripdirler . D.- pikirlerini soňra Fransiýada Lewi –Stross , Lerua –Guren , Angliýada Redkliff –Brawun we beýlekiler ösdürdiler .

Ewana –Pridçerd (Angliýa 1902-1973) logiki kategoriýany derňemek bilen <u>Giňişlik –wagt</u> kategoriýasyna sredip geçýär . Meselem, afrikan halky bolan <u>negrlerde</u> wagt <u>sutka</u> boýunça hasaplanylman hojalyk işleri bilen ölçenilýär . Beýle diýildigi hojalyk işlerininiň yzygiderli alynyp barylmagy bilen ýyl , pasyl , sutka . Olarda giňişlige hem başgaça düşünýärler Taypalaryň obalaynyň ýerleşişi boýunça .

Lýusýen Lewi –Brýul (1857-1939) sosiolog , din , etnograf , fransuz . Ol öz işlerinde Dýurkgeýmiň ideasyny dowam etdirýär . Onuň ilkinji işleri filosofiýa bilen baglanşyklydyr . Ol 2 sany kitaby okamak bilen (1. Taryhy-Syn Sýanýa we 2. Altyn wetwo . Frezer ) bilen ruhy medeniýeti öwrenmäge girişýär .1910 ýylda “primitiw” ýönekeý halklar barada ýazan işi neşir edilýär . “Myslitelnyh funksii w nizkih obşestwah” . Onuň doly işleri bir idea , ýagny “ilkidurmuiş pikirlenişi” özboluşlulygynyn öwrenmäge gönükdirilendir . Ol deňeşdirmek arkaly biziň pikir ýöredişimizden ilkinji döwri derňeýär . Başlangyç düşünje “köpçüligiň göz öňüne getirme” (ynanç , ahlak düşünjeler ) adamyň öz durmuşyndan alynman , adam aňyna <u>jemgyýetçilik serişdesiniň üsti bilen ýetirilýär .</u>

Oňa –terbiýe , jemgyýetçilik pikiri , adat degişlidir .

<u>Dil</u>—hem her bir şahsyýetiň aňynda dowam etse-de , ol sosial reallyk bolup durýar . Ol kollektiwiň döreden

zadydyr . L. Brýul indiwidual psihologiýany –kollektiwe göniden-göni geçirip bolmaz diýýär . “Kollektiwnoýe peredetowleniýe” . Öz kanuny bardyr .

Gadymy halklaryň ynançlary , mifleri peredostawleniýe bilen baglanşyklydyr . Magiýasy , ynanjy , adatlary “kollektiwiň duýgusy” bilen döreýär .

Yzagalak halklary öwrenmek bilen ol şeýle netijä gelýär :

1. Köpçüligiň edýän hereketi nerw sistemasyna täsir edýär , adamda gorky , ynanç döreýär (diniň däp—dessurlary ).

1. Gizlin güýçler bilen baglanşykly bolmagy we olar bilen aragatnaşyk saklanmagy . Olar şol syry biljek bolup çalyşmaýarlar . Ilkidurmuş adamsyny ýöredişi “nepronisaýema dlýa opyta” “Brýul Perwobytnoýe myşleniýe” 1930ý. “Zakon sopriçastýe” (Şärikligiň kanuny) M. Truman taýpasyna degişli adamlar (Braziliýa) –özleriniň suw jandarlary diýip düşünýärler .

Adam hemişe tebigat bilen janly aragatnaşyk saklamaga çalyşýar .

Brýul öz işlerinde ilkidurmuş adamlarynyň pikirlenşini logiki prosess hökmünde düşündirýärler .

Şol döwürde adamlar magiýa (jada) ynanypdyrlar . Gadymy döwrüň adamlary hem häzirki kanuna laýyk pikirlenýärler , emma daş—töwerekde bolup geçýän wakalary başga kategoriýalar bilen ölçeýärler .

Oliwýe Lerua .

Lewi—Brýulyň öňe sürýän pikirine garşy gitmek bilen (1927ý) . Adamyň intellektual aýratynlygy , yzagalak jemgyýetde ýaşaýan adam bilen häzirki zaman adamyň psihiki durgunlykda tapawutlanýar diýen pikiri öňe sürýär .

O.Leruanyň 1927ý. “Ilkidurmuş aňy” diýen işinde her bir halkyň özüni alyp barşyny , adatlarynda , pikir ýöredişinde aňly—düşünjeli hereket bar . Belli bir maksada gönükdirilendir .

## 12.2. A. R. Luriýa eksperimental psihologiýa hakynda

Aleksandr Romanowiç Luriýa –"Ob isroriçeskom razwitii poznowatelnyh prosessow" . M.1974ý."Akyl ýetiriş prosessiň taryhy taýdan ösüşi" diýen işde . A.R. Luriýa öz kitabyny ýazmak üçin zerur bolan materiallary 1931-32ý. tolaýar . Onuň öňe sürýän taglymaty adamyň akyl ýetirişi jemgyýetçilik taryhyň ösüş prosessinde kemala gelýär diýip belleýär . Bu pikiri ilki bolup öňe süren A.S.Wygodskiýdir. Bu meseläni doly aýdyňlaşdyrmak maksady bilen Luriýa Özbegistanyň obalarynda ýörite tejribe geçirýär .

Psihologiýa ylym hökmünde XIXa. ortalarynda ösüp başlaýar . Ç. Darwin we Gerbert, Spenser "adamda bolup geçýän psihiki prosessler ewolýusiýanyň netijesinde amala aşyrylýar" diýip nygtaýarlar.

Psihologiýada adamyň pikirlenmesi hakynda 2 ugur bar :

1. Ýzagalak medeniýetli adamlarda pikir ýöretme hil taýdan tapawutlanýar . Olar öz pikirlerini ynançlar hem magiýa bilen baglanyşdyrýarlar (şonuň üçinde olar medeniýetleşen adamlardan tapawutlanýarlar .
2. "Yzagalak" hem-de "medeniýetleşen" adamlaryň pikir ýöredişlerinde tapawut ýok diýýärler .Jemgyçilik tejribäniň ösmegi bilen adamyň dörediijiliginde we işinde täze meýiller ýüze çykýar, täze meseleler orta atylýar , özüňi alyp baryşyň täze usullary , habarlary kabul etmegiň täze ýollary işlenilip düzülýär we hakykata göz ýetirmegiň işjeňsistemasyny ýola goýulýar .

Adamyň jemgyýetçilik häsiýeti onuň psihikasynyň ösüşi bilen berk baglydyr . Meselem, çaganyň ösüşini seredip geçeliň. Ilki ol daş—töweregini gurşap alan zatlaryň jemgyýet tarapyndan jemgyýetçilik zämeti arkaly döredilýär , we özem taryhyň önümi bolup duryar . Kem—kemden ol daşyndaky adamlar bilen aragatnaşyk

saklamagy , zalara bolan öz garaýşyny uly ýaşly adamlaryň üsti bilen amala aşyrýar .

Çaga –dili özleşdirilýär . Din bolsa öz gezeginde jemgyýetçilik –tayhy ösüşiň önümidir . Diliň kömegi bilen umumylaşdyrýar , derňeýär we kodirleýär (ýatda saklaýar). Ol her bir zady söz bilen belleýär we ony belli bir kategoriýa degişli edýär . Söz diňe bir dil birligi bolman , onuň hem esasy kletkasy bolmak bilen daşky dünýäni şöhlelendirýär .

## 12.3. Abstraksiýa we umumylaşdyrma , öz-özüňi derňemek

Absraksiýa we umumylaşdyrma .

Abstraksiýa –predmetiň häsiýetini ýa—da baglanşygyny onuň kanuny alamatlaryny ýüze çykarmak bilen pikirde aýyrmaz

Daşky dünýäni kabul etmek üçin gelip gowuşýan maglumtlary biz toparlara bölýäris (sistemalaşdyrýarys) . Nisgawy(klassyki) psihologiýa –adam daşky dünýäniň predmetlerini biri—biri bilen bireleşdirip logiki sistema salýar , (meňzeşligi , golaýlygy , umumy kategoriýa degişliligi taýdan ) .

Predmetleriň haýsyda bolsa kategoriýa girizilmegi üçin , onuň esasy alamatlaryny ýüze çykarmaly , soňra olary belli bir topara birikdirmeli . Adamlar nähili edip predmetleri birleşdirýärler ? Usuly : Biz özümiziň tejribämizi geçirmek maksady bilen predmetleriň ýönekeý klassifikasiýasyna seredip geçdik .Synag edilýänlere 4 predmetiň şekilini görkezdik : Olaryň 3—si bir kategoriýa beýleki biri bolsa başgasyna degişlidir .
Çekiç , palta , byçgy , poleno —zähmet gurallary ; stakan , oçki , kastrýul , butylka –posuda ; agaç , roza , sünbül –ösümlik . Şu zalary biri—biri bilen baglanşdyrýan haýsy kategoriýalar göz öňüne tutulýar ? Şu sunaga 55 adam gatnaşdy , ýaşlary 18—65 aralaygynda . Özem hiç hili

gyssalman öz akynmlaýyn çözdiler (çaýhanada) . Şeýle tejribeleri öz döwründe N.Ah
we L.S.Wigotskiý geçirdiler . M. zähmet guraly –palta , byçgy , pil , iňňe ; haýwan –it , pil , aýy žürafa . Biziň eksperimente gatnaşdyrýan adamlarymyz mekdepde okamadyk adamlar bolsalarda predmetleriň praktiki tarapyna üns berdiler .

Synag edilýänleriň käbiri predmetleri meňzeşligi üçin bir kategoriýa birikdirseler , beýlekilri bilelikde ulanylmagy üçin birleşdirýärler .

Amaly ulanylşy taýdan netije çykarylýar . "Gereklgi üçin" klassifikasiýalaşdyrylýar . "Pyçak , byçgy , digirçek , çekiç . (instrument )

Adamlaryň düşünjesini ýüze çykarmak bilen :
1. "Agaç" diýip nämä aýdylýar , olar hersine mahsus bolan :

alamatlaryny ýüze çykarýar .
Söz üsti bilen garaýsyny ýüze çykarýar
Deňeşdirme getirýär .

## Öz—özüňi derňemek .

Öz—özüňi derňemek üçin ilki bilen beýlekilere baha bermäni başarmaly , olaryň özüne berýän bahasyny diňlemeli , şondan soňra netijä gelmeli . Bu mesele boýunça ilkinji synag geçiren B.T.Ananyýw (1948ý). Ol çaga öz—özüne baha berende , oňa ulylaryň berýän bahasyny gaýtalaýar diýip belleýär . Wagtyň geçmegi bilen ol öz—öz derňäp başarýar . Çaganyň her biri edýän işi ulylar tersinden bahlandyrýarlar .

Tejribä gatnaşýanlar "beýlekiler maňa şeýle baha berýärler diýip belleýärler . Bu ýerde ilki daşky özüňi alyp baryş göz öňünde tutlýar . Özüňe baha bermek . Siz nähili adam ? Gowy adam kim bolýar ?

Görmek arkaly tejribäni öwrenmek .

Görmek arkaly hem-de praktiki tejribäniň netijesinde köp zatlary derňemegi , umumylaşdyrmagy göz öňünde tutýar .
Reňkleri görmek we olara baha bermek her halkda bir meňzeş däldir .

Reňk boýunça kabul etmek
Geometrik figuralar boýunça klassifikasiýalaşdyrmak

1. Ýokarky mysallardan görnüşi ýaly abstraksiýa we oboboşeniýe sosial-ykdysady we medeni ösüşiň önümi bolup durýar .
2. Eksperimente gatnaşýan adamlar zähmet prosessine gatnaşýandyklary üçin praktiki ähmiýetine üns berýärler .
3.Olaryň köpüsi mekdepde okamandan soňra medeni derejesi pes .
4.Pikirlenme jemgyýetçilik praktikasy bilen bilelikde kämilleşýär .

## 12.4. Amerikan we Ýewropa alymlarynyň derňewleri

XIXasyryň 60-70 ýyllarynda ABŞ we Ýewropada adamzat medeniýetiniň taryhy bilen baglanşykly işler neşir etdirilýär .

Bumeseläni içgin öwrenmekde birnäçe akymlar ýüze çykýar . Şolardan giň ýaýrany : Ewolýusion ösüş konsentrasiýasydyr .

XIXasyryň I ýarymynda medeniýetiň ösüşi bilen baglanşykly köp sanly maglumatlary syýahatçylar , deňizçiler , satyjylar ýygnan hem bolsalar , ol materiallar ylmy taýdan işlenmegi talap edýär . Şol sebäpleri Parižde , (1859ý. Antropologlaryň jemgyýeti ) etnologlaryň jemgyýeti 1859ý. , Nuýu—Ýorkda 1842ý. “Amerikan etnologiýa jemgyýeti” döreýär . Angliýada 1843ý. “Etnologiýa jemgyýeti” döredilýär . 1869ý. “Antrop.

jemgyýeti" . Germaniýda "obşestwa antropologii , etnologii po istorii" 1865ý. we beýlekiler . "Etnologiýa" termini –Ilki 1830ý. fransuz alymy Žan-Žak Amper girizdi .

Aňyň ösmeginiň jemgyýetçilik—syýasy kökleri :

1. Ösen Ýewropa ýurtlary köp sanly koloniýalary özüne birikdirýärler . Şonuň üçin—de olardan özlerine birikdirilen halkalryň taryhyny , dilini , medeniýetini içgin öwrenmek meselesi goýulýar .

2. Söwda –satygyň giňemegi . Näme , nirede , näçeden geçýänligini bilmeli , bolmasa kyn ýagdaýa geçirýär . M. Angliýadan naharhana wilkasyny , pyçagyny satmak üçin Hytaýa getirýäler , emma olarda geçmeýär , sebäbi Hytaý naharlary taýajyklar bilen iýilýär .

Ösüş taglymaty.

Bu ýerde görkeziljek bolýan zat adamzat jegyýetiniň düýbiniň birligi we onuň taglymatlarda birligiň barlygyny subut edilýär . Şu taglymaty düzenler :

1. Adolf Bastion (1826-1905) nemes. Bilimi boýunça lukman, ömrüniň köp bölegini bagyş edýär . Dünýäniň çar tarapynda bolup görmek bilen ol köp sanly material toplaýar we Berlinde halklary öwreniş muzeýini bar esaslandyrýar. Ýazan işleri : "Çelowek w istorii" (1850) diýen işi 3 tomdan ybaratdyr : 1. Psihologiýa tebigy ylym hökmünde .

2. Psihologiýa we mifologiýa. Adamlaryň psihiki gurluşy birmňzeş bolanlygy üçin medeniýetleri hem meňzeş bolmaly . Emma, halklaryň her bir özboluşly ideany öňe ösdüripdirler. Halklaryň arasyndaky gatnaşyk täze idealaryň ösmegine getirýär . Adamzadyň umumy ösüşi , adamyň akyl hem medeni tarapdan kämilleşmeginde sosial sredanyň täsiri .

3. Jon Mak Lensi (1827-1881) iňlis. Bilimi boýunça ýurist 1865ý. Onuň "Perwobytnyý brak" diýen işi neşir edilýär . Kitapda nikanyň ýüze çykyşy , ösüş

